**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
**TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY**

**A.O. Sopyýewa**

# Hususy akyl ýetiriş we patent öwreniş

**Okuw gollanmasy**

**Aşgabat 2010**

# Giriş

Türkmenistanda patent bermegiň umumy esaslary, esasy düşünjeleri, patent bermek boýunça halkara düzgünleri, kadalary we talaplary özleşdirmek bolup duryar. Olardan başga-da halk hojalygynyň dürli pudaklary üçin patent bermegi we olaryň berjaý edilişiniň barlamagyny öwrenmekden ybarat.

Türkmenistanda patent barada kanun emläk we şu sebäpli hususy emläk däl gatnaşyklaryň döremegi bilen bagly. Senagat eýeçilik obýektleri (oýlap tapyşlar, senagat nusgalar, haryt belgileri we hyzmat belgileri) döretmek hukuk taýdan goramak we peýdalanmak netijesinde döreýän  gatnaşyklar hem-de oýlap tapmalaryň awtorlarynyň hukugyny ykrar etmek bilen bagly gatnaşyklary dolandyrýar.  Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň ýanyndaky patent wedomstwasy şu kanuna laýyklykda senagat eýeçilik obýektleri boýunça arzalary seljermäge kabul edýär, ekspertizany geçirýär, patentleri (wagtlaýyn patentleri), şahadatnamalary berýär, goraýjy resminamalary çap edýär Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanan düzgünnama laýyklykda başga funksiýalary ýerine ýetirýär. Senagat eýeçilik obýektleri, tygşytlylyk teklipleri we olaryň hukuk taýdan goragy:

**1.** Senagat eýeçilik obýektlere degişli şu kanuna laýyklykda oýlap tapmalar, senagat nusgalary, haryt belgileri we hyzmat belgileri; olara arz edilen we hukuk goramak Türkmenistanda patent görnüşinde, wagtlaýynça patent  (senagat oýlap tapmalar we senagat nusgalara) we şahadatnamalar (haryt belgilere we hyzmat belgilere) Türkmenpatent tarapyndan gowşurylýar.

**2.** Tygşytlylyk tekliplere hukuk goramak şahadatnama görnüşinde kärhanada edarada guramada berilýär, hem-de tygşytlylyk teklipleri ykrar edilýär.

**3.** Senagat eýeçiliginiň obýektine hukuk hem-de tygşytlylyk teklip hanun tarapyndan garalýar. Türkmenistanda fiziki we ýuridiki adamlar oýlap tapmalara, senagat

**4.** Nusgalaryna, haryt belgilere we hyzmat belgilere gorag hukugy bardyr.

**5.** Döwlet tarapyndan syrly diýip hasaplanan senagat eýeçilik obýektlere kanuna laýyklykda hukuk goragy berilýär.

**6.** Daşary ýurt fiziki we ýuridiki adamlaryň hukuklaryny goramak halkara şertnama esasynda amala aşyrylýar. Haçan-da halkara şertnama boýunça başga-da düzgünler bellenen bolsa, onda halkara şertnamanyň düzgünleri ulanylmaly.

Senagat eýeçiliginiň obýektleri**- oýlap tapyşlar** we **senagat nusgalary**

**Oýlap tapyş-** oýlap tapyş derejesi bolan we senagat taýdan ulanarlykly wezipäniň tehniki çözgüdi.

**Senagat nusgasy**- senagat önüminiň daşky keşbini kesgitleýän çeperçilik gurnalmak çözgüdi.

**Şahs**- edara görnüşindäki ýa-da şahsy tarap.

**Haýyşnamaçy**- oýlap tapyşa, senagat nusgasynda haýyşnama beren we patent almaga dalaş edýän tarap.

**Oýlap tapyşa senagat nusgasyna haýyşnama**- oýlap tapyşa, senagat nusgasyna almak üçin zerur bolan resminamalaryň jemi.

**Aýratyn edilen haýyşnama**- ilkibaşdaky haýyşnamada oýlap tapyşyň, senagat nusgasynyň bitewilik talaplarynyň bozulandygy sebäpli, haýyşnamaçynyň öz başlangyjy ýa-da seljermäniň talaby boýunça şol bir haýyşnamaçynyň öňki oýlap tapyşa, senagat nusgasyna haýyşnamasynyň Türkmenistanyň ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň Patent müdirligine-Türkmen Patenti berlen gaýtalanýan bölegi.

**Birinji haýyşnama** .Berlen senesinden konwensiýa ilkinjiligi bellenilýän Pariž konwensiýasyna gatnaşyjy döwletiň edarasyna berlen senagat eýeçiliginiň obýektine bolan haýyşnama.

**Oýlap tapyşyň formulasy**- oýlap tapyşyň mazmunyny we hukuk goragynyň möçberini kesgitleýän alamatlaryň jemi.

**Ygtyýarly seljeriş edarasy**- Halkara deslapky seljerişe Ygtyýarly edaranyň derejesi bolan edara.

**Oýlap tapyşa senagat nusgasyna berilýän patent** (çäklendirlen patent)-patent eýesiniň oýlap tapyşa senagat nusgasyna ilkinjiligini, awtorlygyny we aýratyn hukugyny tassyklaýan Türkmenistanyä gorag resminamasy.

**Patent eýesi**- patentlenen oýlap tapyşa, senagat nusgasyna aýratyn hukugy bolan tarap.

**Gulluk oýlap tapyşy, gulluk senagat nusgasy**- işgär tarapyndan öz gulluk borçlaryny ýa-da iş berijiniň belli bir tabşyrygyny ýerine ýetirrmek bilen baglylykda döredilen oýlap tapyş, senagat nusgasy.

**Patenti başga birine bermek**- şertnamanyň esasynda oýlap tapyşa senagat nusgasyna bolan hukugyny eýesi tarapyndan şol hukugyň başga bir şahsa berilmegi.

**Oýlap tapyş, senagat nusgasy üçin ygtyýarnama**- ygtyýarnama şertnamasy boýunça oýlap tapyşyň, senagat nusgasynyň eýesiniň olary başga birine ulanmaga berýän rugsatnamasy.

**Bikanun harytlar**- patentlenen oýlap tapyşyň, senagat nusgasynyň bikanun ulanylýan harytlary.

**Patent ynamdary**- Türkmenistanyň territoriýasynda hemişelik ýaşaýan, Türkmen patentde hünär synagyndan geçen we bellige alnan hem-de professional esasda fiziki we ýuridiki şahslaryň senagat eýeçiliginiň obýeklerine bolan hukugy edilmekdäki we onuň goragyndaky bähbitlerine wekilçilik edýän raýat.

**1.** Her bir oýlap tapyşyň belli bir kesgitlenen obýekti bar- tehniki çözgütleriň amala aşyrylmagy üçin tehniki serişdedir, onuň üsti bilen jemgyýetçilik, sarp edijilik höwesler kanangatlandyrylýar. Obýektleriň görnüşleri (oýlap tapyşlaryň predmetleri) tehniki çözgüt bilen hödürlenen serişdelere baglydyr we olaryň üsti bilen goýlan maksatlara şetmekdir. Çözgütlerde hödürlenilýän tehniki çözgütleriň görnüşlerine bagly oýlap tapyşlaryň dürli obýektleri bolup bilýär, olar:

-täze gural
-täze usul
-täze madda
-mikroorganizmleriň täze ştammlary

-öňki ulanylýan gurallaryň maddalaryň usullaryň täzeden niýetlenmegi boýunça ulanylmagy

Oýlap tapyşlaryň üýtgeşikligi we biri birinden tapawutlanmagy nämeden ybarat:

Gurallar- funksional aragatnaşykdaky konstruktiw elementleri ýa-da elementleriniň kompleksi gural diýlip atlandyrylýar, olara degişlimaşynlar, apparatlar, gurallar, priborlar, instrumentler, agregatlar, kömekçi detallar we ş.m.

Usullar- çig malyň, çateriallaryň işleniş prosessleri, himiki we başga maddalaryň taýýarlanylşy, dürli kulturalaryň ösdürilmegi, keselleri bejermek prosesslere usullar diýilýär. Usulyň esasy niýetlenmegi-ýokary netijelere ýetmek üçin belli bir operasiýalar, hereketler, ulanylamagynyň täze düzgün tertibine bellemek we kesgitlemek. Adamyň, haýwanyň keselleriniň öňüni almak, anyklamak, bejermek diňe aprobasiýa geçensoň oýlap tapyş diýlip hasaplanyp bilinýär.

**Madda** – biri-biri bilen bagly komponentleriň, ingredientleriň maddy düzümi emeli usul bilen döredilen ýygyndy madda diýip hasaplanylýar.

Maddalar- düzümine girýän ingredientleriň täzeleri we öňden ulanylýandyrlar hem-de olaryň mukdar gatnaşýyklary bilen häsiýetlendirýärler. Maddalara degişli- erginler, splawlar, emulsiýalar, himiki birleşmeler. Oýap tapyşlar diýip hasaplanylýar himiki reaksiýalaryň fiziki usullaryň netijesi bilen döredilen maddalara aýdylýar (elektrodializ, peregonka, distillasiýa), ýene-de tagam beriji, iýmit we kosmetiki serişdeler.

Bejerme serişdeler hökmünde ulanylýan hem-de atom ýadrosynyň dargadylmagy bilen alnan maddalar. **Mikroorganizmleriň ştammlary**- peýdaly maddalary öndürýän ýa-da özleri ulanylýan bir nesil görnüşli kulturalar, mikroorganizmler, profilaktiki bakteriýalar, wiruslar, suw ösümlükler. Ştammlar bejergi, profilaktiki maksady bilen ösümlikleriň we haýwanlaryň ösmeginiň stimulýatorlary hökmünde ulanylýarlar. Ştammlaryň döredilmeginiň maksady mikroorganizmler üçin gerekli sredany tapmak, optimal temperatura režimi kesgitlemek, olaryň ösmegine we saklanylmagyna ukyp dörediji serişdeleri ýüze çykarmak. Bu görnüşli oýlap tapmanyň obýekti hökmünde janly organizmleriň koloniýalary bolup durýar. Ozal belli gurallaryň usullaryň, maddalaryň ulanylmagy başga maksat bilen täze niýetlenmegi boýunça ulanylmagy awtor, hünärmen tarapyndan hödürlenilýär. Ozal göz öňünde tutulmadyk gural, usul ýa-da madda, ozal belli serişde üýtgeşik başga sarp edijilik ukyply bolup üýtgeşik funksiýany ýerine ýetirmeli bolýar. Meselem: sintetiki reňkleýji madda örän zäherli madda hökmünde bakteriýalara ulanmak üçin hödürlenmegi oýlap tapma bolýar. Reňkleýji madda başga serişdeler bilen deňeşdirilip bakteriýalary ýok etmek üçin ulanylýan serişde bolup bilýär. Oýlap tapmanyň görnüşleri olaryň häsiýetleri boýunça esasy we goşmaça bolup bilýär.

| **Esasy** | **Goşmaça** |
|---|---|
| **Ýuridiki taýdan hiç hili tapmanyň) başga oýlap tapmalar bilen** | **başga (esasy oýlap bütin ýa-da onuň bölegi** |

**bolup ulanyp bagly däl bolanok esasy oýlap tapmasyz**

Tehnikanyň özgertme taryhynda seredilende her bir täze oýlap tapma öňki edilen oýlap tapmalaryň kämilleşdirilen görnüşi hökmünde goşmaça oýlap tapma diýlip hasaplanyp bilinýär. Şol sebäpli oýlap tapyjylaryň arasynda düşünmezlik kyn ýagdaý döremez ýaly döwlet tarapyndan awtor şahadatnamalaryň patentiň hereket edýän möhleti kesgitlenilýär.

Dünýä tehnikasynda taý bolmadyk oýlap tapmalar pionerskiý diýip atlandyrylýar. Emma köp ýagdaýlarda oýlap tapmalar uly däl üstünlikler bolup olaryň her biri belli gurallaryň, usullaryň, maddalaryň kämilleşdirilen görnüşi bolup tehnikanyň özgertmesine itergi berip durýar. Köp wagtyň dowamynda dörän meseleleriň çözgütleriniň oýlap tapmagy wajyp ähmiýetli bolup durýar.

Örän uly oýlap tapmalar tehnikanyň özgertmesini tizleşdirmek üçin ýol açýar, uly ykdysady netijeler berýär. Önümçilikleriň täze görnüşlerini döredýär, täze maddalaryň, gurallaryň we bejerme serişdeleriň döredilmegine täsir edýär (lazerler, plazmatronlar, nanotehnologiýalar). Uly oýlap tapmalary ornaşdyrmagy amala aşyrmak tehniki, ykdysady, syýasy şertler bolmadyk ýagdaýynda olar perspektiw oýlap tapmalar diýlip atlandyrylýar.

Oýlap tapmalaryň köpüsi gulluk oýlap tapmalar sebäpli olar gulluk ýumuşlar şetirilmegi bilen bagly we edaralarda kärhanalarda döredilýär. Oýlap tapmalaryň ykrar edilmegi üçin umumy dügün boýunça tejribede amala aşyrylmagy hökman däl. Emma aýratyn: täze maddalar, mikroorganizmleriň ştammlary, synag aktlary olaryň täsirlerini ykrar etmek üçin.

Umumy düzgün boýunça hasap edilmeýän oýlap tapmalaryň hasap edilmegi üçin sanawy görkezilýär:

- Hojalyk, dolandyryş usullary we ulgamlary;
- Köçe hereketi boýunça düzgünler;
- Binalaryň, desgalaryň taslamalary we shemalary;
- Tejribe, pedagogiki, okuw, diliň grammatiki sistemalary,önümiň ýeke daşky görnüşi.

**2.**Eger-de ol täze, özboluşly we senagat taýdan ulanarlykly bolsa, senagat nusgasy hökmünde haýyşnama edilen obýekte hukuk goragy berilýär.

Eger-de senagat nusgalarynyň düýpli alamatlarynyň jemi onuň ilkinjilik senesine çenli dünýäde hemmelere mälim bolan maglumatlardan, belli bolmasa, onda senagat nusgasy täze diýlip hasap edilýär.

Senagat nusgasynyň düýpli alamatlaryna onuň estetikiwe ergonomiki aýratynlyklaryny kesgitleýän önümiň daşky görnüşi, ýagny formasy, konfigurasiýasy, nagşy we reňkleriň utgaşmasy degişlidir.

Täzeligi kesgitlenende, Türkmenistanda patentlenen senagat nusgalary we beýleki şahslaryň Türkmenpatente beren we has irki ilkinjiligi bolan haýyşnamalry hem göz öňünde tutulýar.

Eger-de senagat nusgasynyň düýpli alamatlary önümiň aýratynlyklarynyň döredijilikli häsiýetini şertlendirýän bolsa, ol senagat nusgasy özboluşly diýlip ykrar edilýär.

Eger-de senagat nusgasy köp gezek gaýtadan öndürmek mümkin bolsa, ol senagat taýdan ulanarlykly diýlip ykrar edilýär.

Eger senagat nusgasy üçin haýyşnama maglumatyň aýan edilen senesinden alty aýdan gijä galman Türkmenpatente berlen bolsa, senagat nusgasyna degişli maglumatyň haýyşnamaçy, awtor ýa-da ondan gäni ýa-da gytaklaýyn şeýle maglumaty alan islendik şahs tarapyndan aýan edilmegi, şunda senagat nusgasynyň patentlik ukybyny aýan edilmegi, şunde senagat nusgasynyň mazmuny baradaky maglumat hemmelere elýeter bolan bolsa, bu senagat nusgasynyň patentlik ukybyny ykrar etmäge päsgel diýlip hasap edilýär. Şeýle bolanda bu ýagdaýy subut etmek haýyşnamaçynyň borjy bolup durýar. Şular senagat nusgasy diýlip ykrar edilmeýär:

- Önümiň diňe tehniki wezipeleri bilen şertlenen çözgütler;
- Binagärçilik (kiçi binagärçilik görnüşlerden başgalary), senagat, gidrotehniki we beýleki stasionar desgalary;
- Çap önümleri;
- Suwuk, gaz, şekilli, külke ýa-da şolara meňzeş maddalardan ybarat durnukly keşbi bolmadyk obýektler;
- Jemgyýetçilik bähbitlerine, ynsanperwerlik we ahlak ýörelgelrine ters gelýän önümler.

2. **Haryt belgisi we hyzmaty belgisi**- bir fiziki we ýuridiki wezipeleriň başga fiziki we ýuridiki wezipeleriň bir meňzeş harytlarynyň we hyzmatlarynyň üýtgeşiniň üpjün edýän belgilere haryt belgiler diýip atlandyrylýarlar.

Türkmenistanda haryt belginiň hukuk goragy türkmenistanyň kanuny ýa-da halkara şertnamana bellenilen düzgün-tertip boýunça Döwlet registrasiýaesasynda amala aşyrylýar. Haryt belgisi **ýuridiki** we **fiziki** (teleketçi) atlara belgilenýär. Haryt belgi hökminde söz, şekil göwrüm we başga beligilenmeler görnüşinde hasaba alnyp biler. Haryt belgisi dürli reňde ýa-da bir näçe reňklerde bolup bilýär we hasaba alynyp bilýär.

**Haryt belgileriň hasaba almak üçin rugsat berilmeýän ýagdaýlary:**

- Tapawutlanmaýan, üýtgeşiksiz belgiler;
- Döwlet nyşanlary: gerb, baýdak, emblemalar döwletleriň resmi atlary, halkara; döwlet ara guramalaryň atlary; möhür; tapawutlaýjy belgiler we sylag nyşanlary;
- Umumy ulanylmaga girizilen belli görnüşli harty belgisi; umumy ulanylýan simwollar ýa-da terminler;
- Haryt, hyzmat barada sarpedijileri aldowa ýa-da ýalňyşlyga getirip biljek belgilere;
- Ynsan perwenlik we edep taýdan we jemgyýet bähbidine öz namysy boýunça garşy gelýän belgiler;
- Haryt belgi hökminde doly gabat gelýän ýa-da megzeş belgiler;
- Ozal arz edilen ýa-da döwlet Türkmenistanda hasaba alynan belgiler;
- Türkmenistanda halkara şertnama esasynda goralýan başga adamlaryň haryt belgileri bilen;
- Başga adamlara degişli firmalaryň atlary bilen we bir görnüşli harytlara haryt belgä öň arza edip we hukuk alnan

**Haryt belgisi höküminde hasaba (registrasiya) alynmaýan:**

- Türkmenistanda başga adamlara degişli eýeli senagat nusgalary;
- Türkmenistanda belli atly ylym, edebiýat we sungat eserleri olardan alynan sözler, awtor hukugyny eýesiniň ýada kompetent guramasynyň razylygyny alynmadyk ýagdaýda;
- Belli adamlaryň familiýasy, ady ýada psewdanimlary, portretlary ozleriň olaryň garyndaşlarynyň (nesilleriniň) ýada kompetent guramasynyň razylygyny alynmadyk ýagdaýynda.

**Haryt belgisiniň eýesi bolup bilýar:**

1. Fiziki ýada ýuridiki, telekeçilik bilen meşgullanýan adam,
2. Kärhanalar, birleşikler-nirde harytlar öndürilýär ýada hyzmatlar,

**Haryt belgisine şahadatnama almak üçin ýazylýan haýyşnamada bolmaly:**

- Haryt belgisi höküminde registirlenen arza (arzaçynyň familiýasy, ady, ýaşaýan ýer)
- Arza edilýän belgi we onuň ýazuwy;
- Arza edilýän haryt belgisine degişli harytlaryň we hyzmatlaryň sanawy, halkara klassifikasiýasy boýunça bölünen toparlanan.

**Haryt belgisi üçin arza goşmaly:**

- Bellenen möçberde tölenilen poşlinna ýada ondan boşudylmak azaltmak barada guwanama;
- Kollektiw bilen arz edilen haryt belginiň ustawy

## Haryt belginiň ilkiligi

**1.**Ilkilik Türkmen patente berilen arzanyň senesi bilen bellenýär;
**2.**Ilki Türkmen patent goşmaça maglumatlar arza berilen senesinden bellenilýär Ilki bilen düzgün-tertip boýunça birinji gezek eden awtoryň tarapyndan hasap edilýär-bellenilen guramalara senesine laýykda.

## Haryt san belgilenmesi-hukuklary goramagyň serişdesidir

Häzirki wagtda döwletimiz daşary ykdysady işi işjeň ýöredýär we halkara ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek babatda uly aladalar edilýär. Ýurdumyz öz daşary ykdysady işini beýleki döwletler bilen deňhukukly hyzmatdaşlyk, taraplaryň bähbitlerini hormatlamak, dünýäniň ähli ýurtlary bilen özara peýdaly hyzmatdaşlyk etmek, olar bilen kabul edilen ylalaşyklar boýunça borçnamalary ýerine ýetirmek ýörelgeleriniň, şonuň ýaly-da umumy ykrar edilen beýleki halkara kadalarynyň düzgünleriniň we şertleriniň esasynda amala aşyrýar.Türkmenistan amatly geosyýyasy ýagdaýa eýe bolup Ýewropanyň we Merkezi Aziýanyň möhüm çatrygynyň birinde ýerleşýär.

Döwlet Baştutanymyzyň wezipä girişen ilkinji günlerinden başlap, ýurdumyzyň daşary gatnaşyklaryny mundan beýläk hem ýsdürmeklige aýratyn üns berip başlady. Munuň aýdyň mysaly hökmünde Bitarap Watanymyz bilen işjeň

gatnaşyklary alyp barýan daşary döwletleriniň sanynyň barha artýandygyny görkezmek bolar. Türkmenistan işjeň gatnaşyklary ýola goýmak, ösdürmek işleýän daşary döwletleriniň wekilleriniň, işewirleriniň gelim-gidimli ýerine öwrüldi, sebitde parahatçylygy goramaga, asudalygy üpjün etmäge mynasyp goşandyny goşýan ýurt hökmünde uly abraý-mertebä eýe boldy. Daşary döwletler bilen syýasy, ykdysady, medeni ugurlarda, ikitaraplaýyn oňaýly peýdaly hyzmatdaşlyklary ýola goýmaga çalyşýan ýurdumyzdaky ýzgerişler dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni özüne çekdi. Hormatly Prezidentimiziň 2009-njy ýylyň ýanwar aýynda geçiren Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde “Biziň döwletimiziň ösüşiniň 2008-nji ýyldaky jemlerine eýýäm dünýäniň esasy maliýe guramalary mynasyp baha berdiler. Ýewropanyň Ösüş we abatlaýyş bankynyň belleýşi ýaly, dünýäniň 28 döwletiniň arasynda 2008-nji ýylda bazar ykdysadyýetiniň ýsüşiniň ýokary depgini hut Türkmenistanda bolup geçdi” diýip belledi. Milli ykdysadyýetiniň dünýä hojalygy bilen baglanyşygy ýurdyň daşary söwdasy bilen kesgitlenýär. Ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň ýylsaýyn ýokarlanmagy münkinçilik berýär. Ýurduň eksport kuwwaty ýokarlansa, milli ykdysadyýetiniň dünýä hojalygy bilen baglanşygy her artýar. Türkmenistan Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna we Ýewropa Birleşigine girýän ýurtlara, şeýle-de dünýäniň beýleki ýurtlaryna öz önümlerine eksport edýär.

Türkmen eksportynyň umumy düzümini emele getirýän görnüşlerine tebigy gaz, çig nebit, nebit önümleri, elektrik energiýasy, kükürt, ýod, natriý sulfaty, beýleki himiki çig mallar, pagta süýümi, nah matalar, elde dokalan halylar, buýan köki we onuň ekstrakty, garaköli bagana, ýüň, natural ýüpek we önümleriniň beýleki görnüşleri degişlidir.

Türkmenistan döwletimizde Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýňdebaryjy dünýä tejribesini, täze tehnologiýalary peýdalanmak, we dünýäniň maglumatlar ulgamyna sazlaşykly goşulmak ugrunda uly işler alnyp barylýar. Bazar gatnaşyklary şertlerinde önümçiligiň ahyrky netijesi bolan haryt hakyndaky maglumatlary bilmek häzirki döwürde her bir raýat üçin möhümdir. ***Haryt***-bu zähmetiň önümi bolup, alyş-çalyş etmek we satmak üçin öndürilýär. Daşary söwdady satyn-almak ýa-da alyş-çalyşynyň obýekti bolup çykyş edýän şeýle hem döwlet we gümrük serhetlerinden geçýän zatlar bolup durýan harytlar dünýäde harydyň ähli maglumatlaryny özünde jemleýän ýörite kodlar bilen belgilenýär. Harydyň gaplamasynda ýerleşýän gezekleşip gelýän gara we ak zolaklar hem-de ýörite sanlar bilen belgilenýän nyşanlar ***ştrih kodlar*** diýlip atlandyrylýar. Ştrih kodlar- optiki görülýän enjam bilen harydyň aýratynlygyny we ol baradaky maglumatlary jemleýän ýörite kodlardyr. Ştrih koduň kömegi bilen haryt baradaky maglumatlar ştrihlenýärler, ýagny ýörite amatlandyrylýar. Bu alamatlarynyň taryhyna ser salynsa, ştrih koduny amerikanlylar oýlap tapypdyrlar, onuň simwoliki şekili ilkinji gezek 76-njy ýyl mundan ozal Garwardyň telekeçilik mekdebindäki ylmy işiň birinde peýda bolýar. Ýöne bu täze oýlap tapyş hemmeler tarapyndan dessine ykrar edilmändir. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda bu zolakly koda ilkinji patent berilmegi üçin 17 ýyl gerek bolupdyr. Iş ýüzünde onuň peýdalanmak bolsa geçen asyryň 60-njy ýyllarynda amerikanyň demir ýol wagonlaryny aýratynlaşdyrmakdan başlanypdyr. Şol döwürden bäri ştrih kod

bütin dünýäni eýeledi we halkara haryt dolanyşygynda giňden ulanylyp, maglumatlar çygrynda özbaşdak ulgam hökmünde ykrar edildi. Ştrih kodlar- harp-sanly maglumatyň çyzgy görnüşdäki aňlatmasydyr. Ştrih kod harydyň dürli görnüşi we gaplamalaryna salynmagynyň ýönekeýligi, aňsatlygy we hasaplamaklygyň ygtybarlygy bilen harytlar baradaky maglumatlary toplamaga we şol maglumatlary kompýuter ulgamyna girizmeklige we olary dolandyrmaklygyň ulgamy üçin tehniki esaslary döretmeklige münkinçilik berýär we umuman alanyňda adamzadyň iş ýaýrawynyň ähli ulgamlarynda ylanylyp bilinýär. Ştrih kodlar eýýäm birnäçe onýyllaklarynyň dowamynda kompýuter ulgamlarynyň awtomatiki usullary bilen söwdada, senagatda, saglygy goraýyşda, bank işinde, ulagda we bazar ykdysadyýetiniň beýleki möhüm pudaklarynda maglumatlary kod arkaly okamaklygy işläp taýýarlamakda ýokary netijeliligi üpjün edýärler.

Hereket edýän bütindünýä söwda kadalaryna laýyklykda, islendik harydyň daşarky bazarlara çykmagynyň şertleriniň biru onuň gaplamasynda ştrih kodunyň bolmagydyr. Kodlaşdyrmak tejribesi Ýewropa Bileleşiginde , ABŞ, Kanada, Ýaponiýa we beýleki döwletlerde harytlary eksport etmekliginiň hökmany şerti bolup durýar.

Geçirilen barlaglara laýyklykda, häzir ABŞ-nyň we Kanadanyň söwda merkezlerine gelip gowuşýan harytlaryň takmynan 100 göterime diýen ýaly ştrih kodlar bilen belgilenilendir.

Koduň bolmagy ilki bilen önüm ilki bilen önüm öndürijiniň we sarp edijiniň arasynda anyk arabaglanyşygy üpjün etmek üçin zerurdyr. Köp ýurtlarynyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda sarp edijileriniň hukuklary we bähbitleri hukuk resminamalarynda berkidilendir, sarp ediji harydyň hiline we howpsyzlygyna nägelilik bildirmäge haklydyr. Import ediji döwlet we onuň önüm öndüriji kärhana baradaky maglumatlary ştrih koduň üsti bilen tiz kesgitläp bolýar. ABŞ-da döredilen ştrihleýin kodlaşdyrmaklyk ulgamy UPC (UNIVERSAL PRODUCT CODE-uniwersal haryt kody) diýen adyna eýe bolup, häzirki wagtda işleriň köp ugurlarynda üstünlikli alanylýar, aýratynam sýwdada has uly netijeleri berýär. Bu ulgam özüni sarp edijeleriniň, önüm öndürijiniň şeýle hem söwda kärhanalarynyň arasynda oňat tanatdy. 1977-nji ýylda esas hökminde UPC amerikan standarlaryny ulanmak bilen Haryt san belgilenmesiniň Ýewropa standartyny taýýarlan Haryt belgilendirmeginiň Ýewropa assosiasiýasy EAN (EVROPEAN ARTICLE NUBERING) döredildi.

Häzirki wagtd bu döredilen EAN ulgamy halkara derejesine eýe bolup, dünýäniň ähli künjeginde diýen ýaly ulanylýar. Onuň ulanylyşyna Brýusselde ýerleşýän EAN-nyň Halkara assosiasiýasy düzgünleşdirilýär. Biz bazarlarymyzda ýygy-ýygydan EAN-kodlary bolan harytlary duş gelýäris.

UPC we EAN haryt belgilenmesiniň ulgamlarynda harytlara we önümlere üýtgeşik, gaýtalanmaýan belli bir belgiler berilýär, ýöne olar toparlara bölünmedik, ýagny kompýuterleriň maglumat binýadynda bolup bilmezler, EAN algamyň UPC ştrih kodly algamynda tapawutly aýratynlygy san belgilenmesinde 13 sany belgilenmeleriniň goýulýandygyndan ybaratdyr (UPC-de-12). EAN ulgamy köptaraply (uniwersal) ulgamdyr, ol harydyň özüniň hem, şeýle-de söwda geleşigine gatnaşyjylarynyň ýerleşýän ýeriniň hem kodlaşdyrylmagynda ulanylyp

bilner. EAN haryt belgilenmesi-munuň özi 13 sany san belgili ştrih koddan we dörtburçlyk görnüşinde bolan simwoldan-gara reňkdäki (boş ýerler) gezekli gezegine gelýän dürli indäki zolaklardan ybaratdyr. EAN kodunyň her bir sany (razrýad) iki sany ştrihleriniň we iki sany boş ýerleriniň utgaşmasyna aňladýar.

Ştrih koduň mysaly hökminde 1-nji suratdaky alanymyzda, ilkinji iki ýa-da üç san haryda kod berlen döwleti we EAN haryt belgilenmesiniň halkara assosiýasiýasy girýän edaranyň ýa-da guramanyň adyny aňladýar. Köp halatlarda guramanyň kody harydyň gelip çykan döwleti bilen bagat gelýär we şonuň üçin amatly bolar ýaly ony döwletiň kody diýip atlandyrýarlar, olar önümi öndüren ýurduň ýa-da satyn alan ýurduň koduny aňladýarlar. Emma bu önüm öndüriji (satyjy) haryda başga bir döwletiň belgisini (nomerini) berýän halatlaryny hem aradan aýyrmaýar. Eger-de indiki bäžş san ýa-da dört san kärhananyň koduny aňladýan bolsa, indiki bäş sany-harydyň adyny, konstruksiýasyna ýa-da düzümini aňladýar. Iň soňky 13-nji san-bu barlag sany bolup, san maglumatlarynyň we ştrih kodunyň dogry goýluşyny aňladýar. ) nyşan bolsa bu harydyň ygtyýarnama boýunça öndürilendigini aňladýar.

**Haryt üçin kod:**

1-nji san-harydyň ady;
2-nji san-sarp ediş häsiýetleri;
3-nji san- ölçeg (ululyk) belgileri, agramy;
4-nji san-harydyň düzümindäki zatlar (ingrediýentler);
5-nji san-reňki

Şu ýerde mysal hökmünde **4601234567893** seredenimizde **460** san bilen döwletiň kody berlen, bu kod Russiýa Federasiýasyna degişli, Indiki 4 ýa-da 5 san (**1234**) –harydy öndürýän ýa-da satýan kärhana degişli bolup durýar. Indiki 5 san (**56789**)- harydyň öz kody bolup, ony kärhana özbaşdak goýýar, ol harydyň adyny, sarp ediş häsiýetlerini, ölçeglerini, agramyny, reňkini aňladýar. Indiki 13-nji san (3-lik san) barlag san hökmünde ştrih kodynyň dogrulylygyny aşakdaky görnüşinde barlamak üçin ulanylýar.

EAN barlag sanyna çykmak maksady bilen şu algoritm hödürlenýär.

<u>**4 601234567893**</u>
(1,2,3,4,5,6,7,8,9,10,11,12,13)

1) Barlag sanynda başga, jübüt ýerleri eýeleýän sanlary goşmaly:
   6+1+3+5+7+9=31
2) Birinji alnan netijäni 3 köpeltmeli:
   31x3=93
3) Täk orunda duran beýleki sanlary goşmaly, ýäne barlag sany alynmaly däldir:
   4+0+2+4+6+8=24
4) 2 we 3 hereketdäki sanlary, ýagny ýokardaky iki netijeleri goşmaly:
   93+24=117
5) Çykarylan netijäniň 10-na galyndysyz çykýan sany:
   117+10=127=7
6) 10 sandan çykan netijäni aýyrmaly:

10-7=3

Eger-de soňkyhasaplamada çykan san barlag sany bilen gabat gelmese, onda harydyň öndürilişi kanuny däl diýlip hasaplanylýar.

Görkezilen haryt hakyndaky ştrih kodlar ýörite elektron hasaplaýjy enjamlaryň-skanerleriniň kömegi bilen okalýar. Olar lazer şöhlesiniň kömegi bilen ghara we ak (boş) zolaklarynyň arasyndaky aýratynlyklary kesgitläp, "ştrih kody" okaýarlar we alynýan maglumatlar kompýutere geçirilýär. "Dekoder" diýlip atlandyrylýan kompýuter enjamy skanere düşýän ýagtylygynyň möçberiniň üýtgemegi zerarly çykýan elektron impulsyň kömegi bilen skaneriň "okaýan" söwda belgilerini takyklaýar we ony maglumatlar toplumyndan tapýar, soňra haryt baradaky ähli maglumatlary elektron monitorda okamak münkinçiligi bolýar.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň daşary ýurtlar bilen gatnaşyklary has-da giňeldi, dünýäniň 95 döwleti bilen söwda-ykdysady gatnaşyklarýola goýuldy. Ýurdumyzyň daşary sşwda dolanyşygy ösüş eksportyň möçberi has-da artdy we artýar. Umuman Türkmenistanda öndürilýän önümler dünýä bazarlarynyň iň geçginli, köp isleg bildirilýän harytlaryna öwrülýär.

Aýratyn hem ýurdumyzyň dokma senagatynyň öndürýän önümlerine dünýäniň dört künjeginden harydarlary gitdigiçe artýar. Häzirki wagtda ýurdumyzda "ISO-9000" belgili halkara standartlar boýunça bütin dünýäde ykrar edilen hil ulgamy önümçilige ornaşdyrylýar. "Türkmenstandartlary" Baş döwlet gullugy tarapyndan ISO-9000 belgili halkara standarlarynyň esasynda döwlet standartlary düzüldi. Türkmenistanyň dokma, himiýa we beýleki pudaklarynyň birnäçe kärhanalaryna halkara hil ulgamynyň sertifikaty berildi.

Täze Galkynyş zamanasynda ýurdumyzda halkara ykdysady maslahatlaryň, sergileriniň geçirilmegi, türkmen telekeçileriniň dünýäniň çar künjünden bolup geçýan halkara maslahatlara, sergilere gatnaşmaga münkinçilikleriniň artmagy telekeçileriniň işleriniň ilerlemegine ýardam edýär. Önüm öndürijileri höweskendirmek, olaryň bähbitlerini we öndürýän önümleriniň bäsleşige ukyplygyny goramak, şeýle hem içerki bazarda haryt dolanyşygyny düzgüznleşdirmek üçin ýurt baştutanymyz tarapyndan birnäçe ýeňillikler döredilýär.

Hormatly Prezidentimiziň ***"Döwlet adam üçindir!"*** diýen syýasytyna esaslanýan ýňdengörüjilikli, ynsanperwer ýörelgeleri esasynda ýurdumyzda durnukly ösüş gazanylýar. Ykdysadyýetimiziň yzygiderli güýçli depginler bilen ösmegi, halkyň durmuş infrastrukturasyny kämilleşdirmek bilen baglanyşykly döwlet maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmegi ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlanmagynyň kepilnamasy bolup çykyş edýär.

Aşakdaky tablisada halkara Haryt belgilenmesiniň Ýewropa assosiasiýasyna girýän döwletleriň ştrih kodlaryny görkezýäris.

| | |
|---|---|
| 00-09 ABŞ Kanada<br>20-29 Eçerki san belgilenme<br>30-37 Fransiýa<br>380 Bolgariýa<br>383 Sloweniýa | 45-49 Ýaponiýa<br>50 Beýik Britaniýa<br>520 Gresiýa<br>529 Kipr<br>531 Makedoniýa |

| | |
|---|---|
| 385 Horwatiýa | 535 Malta |
| 387 Bosniýa-Gersegowina | 539 Irlandiýa |
| 400-440 Germaniýa | 54 Belgiýa |
| 460-469 Russiýa | 54 Lýuksenburg |
| 471 Taýwan | 560 Portugaliýa |
| 474 Estoniýa | 569 Islandiýa |
| 475 Latwiýa | 600, 6001 Günorta-Afrika Respublikasy |
| 476 Azerbaýjan | 609 Mawrikiýa |
| 477 Litwa | 611 Marokko |
| 478 Özbegistan | 613 Alžir |
| 479 Şrilanka | 616 Keniýa |
| 480 Fillipinler | 619 Tunis |
| 481 Belorussiýa | 621 Siriýa |
| 482 Ukraina | 622 Müsür |
| 484 Moldawiýa | 625 Iordaniýa |
| 485 Ermenistan | 626 Eýran |
| 486 Gruziýa | 628 Saud Arabystany |
| 487 Gazagystan | 64 Finlýandiýa |
| 489 Gonkong | 690-693 Hytaý |
| 70 Norwegiýa | 980 yzyna gaýtarylýan kwitansiýa |
| 72, 729 Ysraýyl | 981-982 walýuta kagyz pullary |
| 73 Şwesiýa | |
| 740 Gwatemala | |
| 741 Salwador | |
| 742 Gonduras | |
| 743 Nikaragua | |
| 744 Kosta-rika | |
| 745 Panama | |
| 746 Dominikan Respublikasy | |
| 750 Meksika | |
| 759 Wenesuela | |
| 76 Şweýsariýa | |
| 770 Kolumbiýa | |
| 773 Urugwaý | |
| 775 Peru | |
| 777 Boliwiýa | |
| 779 Argentina | |
| 780 Çili | |
| 784 Paragwaý | |
| 786 Ekwador | |
| 789 Braziliýa | |
| 80-83 Italiýa | |
| 84 Ispaniýa | |
| 850 Kuba | |
| 858 Slowakiýa | |

| | |
|---|---|
| 859 Çehiýa<br>867 Demirgazyk Koreýa<br>86-869 Türkiýe<br>87 Niderlandlar<br>880 Günorta Koreýa respublikasy<br>885 Taýland<br>888 Singapur<br>890 Hindistan<br>893 Wýetnam<br>899 Indoneziýa<br>90-91 Awstriýa<br>93 Awstraliýa<br>94 Täze Zelandiýa<br>955 Malaýziýa<br>977 döwürleýin neşirýat<br>978-979 kitaplar | |

Awtor şahadatnamasy. Oýlap tapmanyň awtory talap edip bilýär:
Onuň özüniň awtorlygyny ykrar etmek kanuna laşyklykda hukuk we ýeňillikler bermek, şonuň bilen oýlap tapmagy doly döwlete hukuk bermek;

Oýlap tapyjynyň awtorlygyny ykrar etmek we oýlap tapmagy onuň eýeçilik hukugyny doly bermek.

Birinji ýagdaýda oýlap tapma boýunça awtor şahadatnamasy berilýär.

Ikinji ýagdaýda patent berilýär.

**Awtor şahadatnama**

- Resminama hödürlenen teklibiň oýlap tapma diýlip ykrar edilmegi;
- Oýlap tapmagyň prioriteti;
- Oýlap tapmagyň awtorlygy;
- Döwlet tarapyndan oýlap tapmagy peýdalanmak we dolandyrmak hukuk eýeçiligi;.
- Awtoryň kanunalaýyklykda hukugyny we ýeňilliklerini beýrkidilmegini tassyklaýan resminamadyr;

Oýlap tapyş awtor şahadatnamany ýa-da patenti almak hukugy nesilden nesle geçirilip bilýär. Awtor şahadatnamasy we patent bellenilen forma boýunça berilýär. Ony alýan awtor oýlap tapyşy bilen peýdalanmak diňe döwlet tarapynda bolup geçýär.

## Hukuk goragynyň möhleti

Oýlap tapyşlara we senagat nusgalaryna bolan hukuk Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda goralýar we patent (çäklendirlen patent) bilen tassyklanylýar.

Oýlap tapyşa, senagat nusgasyna patent (çäklendirlen patent) patent seljerme (patent seljerme) geçirlenden we oýlap tapyş, senagat nusgasy reýestrde bellige alnandan soň berilýär.

Oýlap tapyşa, senagat nusgasyna bolanaýratyn hukuk oýlap tapyş, senagat

nusgasy reýestrde bellige alnandan we patent (çäklendirlen patent) berlenden soň güýje girýär.

Oýlap tapyş üçin patentiň (çäklendirlen patentiň) berýän hukuk goragynyň möçberi oýlap tapyşyň formulasy bilen kesgitlenilýär. Beýan etmeler we çyzgylar oýlap tapyşyň formulasyny düşündirmek üçin peýdalanylýar.

Senagat nusgasy üçin patentiň (çäklendirlen patentiň) berýän hukuk goragynyň möçberi senagat nusgasynyň şekillerinde görkezilen we senagat nusgasynyň tapawutly alamatlaryň sanawynda getirilen tapawutly alamatlaryň jemi bilen kesgitlenilýär. Senagat nusgasynyň beýany senagat nusgasynyň tapawutly alamatlarynyň sanawyny düşündirmek üçin peýdalanylýar.

Gizlin diýlip hasap edilen oýlap tapyşlaryň, senagat nusgalarynyň hukuk goragy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde düzgünleşdirilýär.

Berlen haýyşnama hakyndaky maglumatlar çap edilen senesinden reýestrde hasaba alnan senesine çenli oýlap tapyşa, senagat nusgasyna wagtlaýyn hukuk goragy berilýär.

Wagtlaýyn hukuk goragynyň hereket edýän döwründe haýyşnama berlen oýlap tapyşy, senagat nusgasyny ulanýan şahs patentiň (çäklendirlen patentiň) eýesine eýesi patent (çäklendirlen patent) alandan soň pul bilen öwez tölegini töleýär. Onuň möçberi taraplaryň ylalaşygy boýunça kesgitlenilýär.

Eger patenti (çäklendirlen patenti) bermekden ýüz öwürmek barada çözgüt Kabul edilen bolsa, onda wagtlaýyn hukuk goragy başlanmady diýlip hasap edilýär. Patentiň (çäklendirlen patentiň) hereket ediş möhleti gutarandan ýa-da möhletinden öň bes edilenden soň oýlap tapyş ýa-da senagat nusgasy jemgyýetçilik emlägine geçýär. Jemgyýetçilik emlägine geçen oýlap tapyş, senagat nusgasy islendik şahs tarapyndan hiç kimden ygtyýarsyz we razyçylyksyz hem-de ulanany üçin pul hakyny tölemezden erkin ulanylyp bilner.

Oýlap tapyşlara we senagat nusgalaryna bolan hukuk Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda goralýar we patent (çäklendirlen patent) bilen tassyklanylýar.

Oýlap tapyşa, senagat nusgasyna patent (çäklendirlen patent) patent seljerme (patent seljerme) geçirlenden we oýlap tapyş, senagat nusgasy reýestrde bellige alnandan soň berilýär.

Oýlap tapyşa, senagat nusgasyna bolanaýratyn hukuk oýlap tapyş, senagat nusgasy reýestrde bellige alnandan we patent (çäklendirlen patent) berlenden soň güýje girýär.

Oýlap tapyş üçin patentiň (çäklendirlen patentiň) berýän hukuk goragynyň möçberi oýlap tapyşyň formulasy bilen kesgitlenilýär. Beýan etmeler we çyzgylar

oýlap tapyşyň formulasyny düşündirmek üçin peýdalanylýar.

Senagat nusgasy üçin patentiň (çäklendirlen patentiň) berýän hukuk goragynyň möçberi senagat nusgasynyň şekillerinde görkezilen we senagat nusgasynyň tapawutly alamatlaryň sanawynda getirilen tapawutly alamatlaryň jemi bilen kesgitlenilýär.

Senagat nusgasynyň beýany senagat nusgasynyň tapawutly alamatlarynyň sanawyny düşündirmek üçin peýdalanylýar.

Gizlin diýlip hasap edilen oýlap tapyşlaryň, senagat nusgalarynyň hukuk goragy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde düzgünleşdirilýär.

Berlen haýyşnama hakyndaky maglumatlar çap edilen senesinden reýestrde hasaba alnan senesine çenli oýlap tapyşa, senagat nusgasyna wagtlaýyn hukuk goragy berilýär.

Wagtlaýyn hukuk goragynyň hereket edýän döwründe haýyşnama berlen oýlap tapyşy, senagat nusgasyny ulanýan şahs patentiň (çäklendirlen patentiň) eýesine eýesi patent (çäklendirlen patent) alandan soň pul bilen öwez tölegini töleýär. Onuň möçberi taraplaryň ylalaşygy boýunça kesgitlenilýär.

Eger patenti (çäklendirlen patenti) bermekden ýüz öwürmek barada çözgüt Kabul edilen bolsa, onda wagtlaýyn hukuk goragy başlanmady diýlip hasap edilýär.

Patentiň (çäklendirlen patentiň) hereket ediş möhleti gutarandan ýa-da möhletinden öň bes edilenden soň oýlap tapyş ýa-da senagat nusgasy jemgyýetçilik emlägine geçýär. Jemgyýetçilik emlägine geçen oýlap tapyş, senagat nusgasy islendik şahs tarapyndan hiç kimden ygtyýarsyz we razyçylyksyz hem-de ulanany üçin pul hakyny tölemezden erkin ulanylyp bilner.

Oýlap tapyşy ýa-da senagat nusgasyny özüniň öndürijilikli zähmeti bilen döreden şahsy tarap onuň awtory diýlip ykrar edilýär. Oýlap tapyşy senagat nusgasyny döretmäde birnäçe şahsy taraplar gatnaşan bolsalar, olaryň hemmesi hem şärikli awtorlar diýlip hasap edilýär. Şärikli awtorlara degişli hukuklary peýdalanmagyň tertibi olaryň arasyndaky ylalaşyk bilen kesgitlenilýär.

Oýlap tapyşyň senagat nusgasynyň döredilmegine şahsy döredijilik goşandyny doşmadyk, awtora diňe tehniki, guramaçylykly, maddy kömegini beren ýa-da diňe olara bolan hukugy we ondan peýdalanmak hukugyny resmileşdirmäge ýardam beren şahs awtor diýlip ykrar edilmeýär. Awtorlyk hukugy aýrylmaz şahsy hukuk bolup durýar we ol möhletsiz goralýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhammedow "... Şeýlelikde, biz ýurdumyzda gujurly, zehinli we höwesli adamlaryň ylym bilen nusgalanmagyna giň ýol açmalydyrys. Ýurdumyzyň örän baý tebigy serişdelerini we öňde goýan maksatlarymyzy göz öňünde tutmak bilen ylmy ösdürmäge hem-de täze tehnikany önümçilige ornaşdyrmaga ukyply işgärleri taýýarlamagyň we terbiýeläp ýetişdirmegiň yzygiderli ulgamyny ýola goýmalydyrys. Şeýle etmezden ýurdumyzyň okgunly durmuş ykdysady ösüşini üpjün etmek, ylmy we halk hojalygyny döwrebap ösdürmek mümkin däl.

Şu wezipeleri ýerine ýetirmek üçin ylmy çekişmeleri guramak we oňa ýaşlary giňden çekmek, ýaşlarda täzeçilige, gözlegler, açyşlara höwes döretmek, olaryň bilimlere hyjuwyny artdyrmak ýetginjekleriň örän uly intellektual mümkinçiliklerini ýüze çykarmak üçin amatly şertleri döretmek zerurdyr. Ylmy ösdürmegiň häzirki zaman nusgalaryna çalt depginler bilen geçmäge, düýpli we amaly ylymlaryň, ylmy taýdan tutumly tehnologiýalaryň gazananlaryny önümçilige giňden ornaşdyrylmaga, ýokary derejeli ylmy işgärleriň we hünärmenleriň sanyny üzül-kesil artdyrmaga mümkinçilik berer. "

**Patent informasiýasy** - patent dokumentleri oýlap tapmalaryň ýazgylary, gorag resminamalary, olaryň hemme derejeleri barada maglumatlar degişli. Patent

informasiýasy ylmy barlag işlerde we daşky ykdysady operasiýalary amala aşyrmakda giňden ulanylýar.

Patent informasiýasyny taýýarlamak we ulanmak Döwlet sistemasynyň çäginde amala aşyrylýar- bu guramada patent maglumatlarynyň ýygnamak, gözlemek, işlemek, saklamak işleri geçirilýär, halk hojalygynyň hünärmenleriniň patent informasiýa boýunça höwesini kanagatlandyrmak üçin niýetlenýär. Bu ulgama - sistema girýän bölümiň biri patent fondy-Türkmenpatent wedomstwanyň düzümine girýär. Patent fondy halk hojalygynyň hünärmenlerine patent dokumentleri öwrenmek işlemek üçin niýetlenýär.

Patent fonduna patentler, oýlap tapyşlara, şahadatnamalara, arzalara degişli ýazuwlar girýär. Patent fondunyň düzümine dürli maglumat materiallary, sistematiki we nomerlenen görkezijileri, oýlap tapmalaryň klaslarynyň görkezijileri we başga neşir-çap edilen maglumatlar patent öwreniş ugrundaky kadalaşdyryjy-usulyýet edebiýatlary girýär. Patent fondunda saklanylýan materiallar patent resminamalarynyň gözlegini ýeňilleşdirmek üçin niýetlenilýär. Patent fondy dürli pudaklara territoriýalar degişli bolup bölünýärler. Patent fondlarynyň gurnap düzülmegi oýlap tapyşlaryň halkara klassifikasiýasy boýunça ylmy-barlag işleriň geçiriliş temalarynyň ugurlary boýunça oýlap tapyşlar, senagat nusgalar, haryt belgiler barada maglumatlar Türkmenpatentiň ýörite resmi býulleteninde çap edilýär. Ilkinji gezek ornaşdyrylan oýlap tapyşlar barada maglumatlar (oýlap tapyşyň ady, ornaşdyran kärhana, alnan ykdysady effektiwliligi) ýörite annotasiýaly bibliografiki görkezijiniň mazmunyna girýär.

Bibliografiki informasiýa daşary ýurtlaryň patent wedomstwalaryň resmi materiallary oýlap tapmalardan senagat nusgalary intellektual eýeçilik boýunça görkezijiler Halkara klassifikatoryň bölümleri boýunça çap edilýär.

Her gün tehniki çözgütler işläp düzülsede, olaryň hemmesi oýlap tapyş diýip hasaplanmaşar. Olary ykrar etmek üçin bellenilen düzgün tertip boýunça arz edilen, düzülen bolmaly we bellenilen kesgitlenen talaplara laýyk gelmeli.

Arza maglumatlary doly we dogry taýýarlanan we düzülen ýagdaýynda, edilen talaplar doly berjaý edilen ýagdaýynda oýlap tapyşlaryň doly goragyny üpjün edip bolýar (awtor hukugyny we bähbidini).

Arzanyň ýanynda hökmany bolmaly resminamalar aşakda görkezilýär:

- Awtor şahadatnamasynyň ýa-da patentiň berilmegi barada arza
- Oýlap tapyşyň formulasy we onuň ýazuwy;
- Oýlap tapyşyň manysyny we ähmiýetini doly açmak maksady bilen çyzgylar, shemalar, synag akty we başga materiallar;
- Oýlap tapyşyň mazmuny boýunça anotasiýa;
- Täzeligi, ulanylmak ugurlary we tehniki ykdysady netijesi barada jemleme (guramalar, kärhanalar tarapyndan arza berlen ýagdaýynda);

Arza berleni üçin döwlet tölegi barada kwitansiýa.

Arza 3 ekzemplýarda berilýär: Oýlap tapyşyň ady, awtoryň familiýasy, ady, adresi, işleýän ýeri görkezilýär. Arza awtoryň özi ýada onuň nesli tarapyndan “Türkmenpatent” wedomstwa berilýär.

Oýlap tapyş boýunça “Türkmenpatente” berlen arzalary (haýyşnamalary), olaryň hasaba alnandan soň (registrasiýadan soň) seljerme işi geçirilýär:

- Formal
- Çäklendirilen
- Patent ekspertizasynyň seljermesini

Formal seljerme 15 günüň ýa-da 1 aýyň dowamynda geçirilýär. Onuň maksady- arza edilen talaplar doly, dogry ýerine ýetirildi we onuň esasynda karar çykarylýar. Formal seljerme şu barlaglary öz içine alýar:

- Zerur resminamalaryň barlagyny we olara bildirilýän talaplaryň berjaý edilişini;
- Haýyşnama edilen hukuk çözgüdiniň goragy berilýän obýektlere laýyklygy;
- Oýlap tapyşda bütewilik talaplarynyň berjaý edilişini;
- Halkara patentleriň topara bölünşi boýunça oýlap tapyşyň toparlara bölünşiniň dogrulygyny;Ilkinjilik soralmagynyň kanunalaýyklygynyň we teklibiniň berjaý edilişini;

Eger-de haýyşnama formal seljermäniň talaplaryny kanagatlandyrsa, onuň bellenilip berlen senesi görkezilip, haýyşnamanyň garamaga kabul edilendigi barada haýyşnamaça habarnama iberilýär. Formal seljerme işlerinden soň birnäçe kararlar çykaryp bolýar.

- Haýyşnamany seretmäge kabul etmek-bu karar haýyşnamanyň talaplara laýyk düzülendigini aňladýar;
- Haýyşnamany kabul etmezlik- haýyşnamanyň düzgünnama boýunça talaplara laýyk gelmedik ýagdaýynda we oýlap tapyş ykrar edilmese;
- Haýyşnamaça arzasyna gerekli üýtgeşikler we goşmaça maglumatlar girizmegi hödürlenýär.

Oýlap tapmalaryň hukuk goramak ulgamynda wajyp tapgyr ylmy-tehniki seljermedir. Haýyşnamanyň garamaga kabul edilendigi baradaky habarnama iberilen senesinden üç aýyň dowamynda haýyşnamaçy tarapyndan Türkmenpatente degişli towakganama berlip bilner. Türkmenpatent oýlap tapyş üçin haýyşnama barada maglumatlary öz býulleteninde çap edip biler. Oňyn netije bilen formal seljerme geçirilenden soň geçen haýyşnamalar boýunça çäklendirilen seljerme geçirilýär. Çäklendirilen seljerme formal seljermäniň tamamlanandan soň alty aýyň içinde geçirilýär.

**1. Tygşytlylyk teklip**- diýip kärhana gurama üçin, täze, peýdaly we önümiň konstruksiýasynyň üýtgemesini göz öňünde tutýan, önümçilik tehnologiýalary we ulanylýan tehnikalar materialyň düzüminiň üýtgemekligini göz öňünde tutuýan tehniki çözgüde diýilýär. Çözgüdiň tehniki taýdan häsiýetlenmeginiň sebäbi önümiň konstruksiýasynyň üýtgemekligi hem-de önümçilik tehnologiýasynyň, ulanylýan tehikanyň, materiallaryň düzüminiň üýtgedilmegi bilen bagly (düzgün p.63).

**2. “Üýtgemek”** terminy giň ulanyşly: ýeke kämilleşdirilmegi, modernizasiýasy dälde täze konstruksiýalaryň döredilmegi, önümçilik tehnologiýalary materiallaryň döredilmegi we tygşytlylyk teklibiň mazmunynda ýazuwda görkezilýär.Täze tehniki çözgüt diýip hasaplanylýar haçan-da teklibiň bellige alnan wagtyna salgylanan gurama, edara, kärhana belli däldi. Täzelik kärhanada (pudakda) ulanylýan tehnikanyň derejesi bilen baglydyr. Tehniki

çözgütler barada dürli görkezmeler peýdaly teklip diýip atlandyrylýar: Haçan teklibiň ulanylmagy kärhana položitel effekt berip biljek (tehniki ykdysady effektleri).

**Birinji ýagdaýda** ykdysady netijeler berip;

**Ikinji ýagdaýda** önümçilik serişdeleriň kämilleşdirilmegi;

**Üçünji ýagdaýda** önümiň hilini ýokarlandyrmak, howpsuz önümçilik şertleri döretmäge getirýär.

Tygşytlylyk teklipler diýip hasaplanylmaýar:

**1.** Önümiň hiliniň peselmegine getirýän;

**2.** Zähmet şertleri howply we erbet ýagdaýa getirse;

**3.** Önümçiligiň ykdysady görkezijileriniň peselmegine getirip bilerler.

Görkezilen çözgütleriň hökmany häsiýetleri:

**1.** Tehniki

**2.** Täzeligi

**3.** Peýdalygy

**4.** Netijeligi

Haçan-da görkezilen häsiýetleriň biri bolmasa teklibi tygşytlylyk diýip hasaplap bolanok.

**3.Tygşytlylyk teklip-** döredijilik zähmetiň netijesidir ýokarda görkezilen häsiýetlere laýyklykda. Emma awtora tehniki taýdan kömek berýän işgärler (çertýožlary, hasaplary, taýýarlaýan) döredijilik iş bolmazlygy sebäpli tygşytlylyk teklipleriň soawtorlary diýip hasaplanyp bilmeýärler.

Tygşytlylyk teklipler awtor tarapyndan degişli kärhana arza berýär. Tejribelikde tygşytlylyk teklipler tygşytlylyk boýunça baş inženera ýa-da tehniki tygşytlylyk boýunça bölüme, býuro, patent bölümine berilýär.

Berlen arza öňünden barlanylýar, kärhananyň ugruna laýyk gelýärmi ýa-da ýok, teklibiň talaplaryna (formasyna, mazmunyna ). Barlagyň netijesini položitel jemlä gelseler arza kabul edilýär we belgä alynýar (registrasiýa) geçýär, garşy ýagdaýda arza yzyna berilýär (düşündiriş bilen). Awtor öz arzasyna ministrlige, wedomstwalara berip bilýär we gerekli kärhanalarda tehniki teklipleri ulanyp bolýar. Iberilýän kärhanalar teklipleriň häsiýetlerine baglydyr (zawodlar, fabrikler we başgalar).

Arzany alan kärhana hökmany ony ýörite žurnalda hasaba almaly, onda görkezilýär arzanyň berlen senesi we tertip nomeri. Terklipler hasaba alnanda ýeke şu kärhananyň işgärleri däl-de dürli adamlardan (talyplardan, pensionerlerden) peýdalanyp bilýärler. Teklip arzasynyň hasaba alynmagynyň ähmiýeti- berlen tygşytlylyk teklipleriň seredilmäge berlen wagty, onuň birinjiligi we kärhananyň borjy ýaňky teklibe seretmegi we tygşytlylyk teklibiniň möhleti. Hasaba alnan wagtynda tygşytlylyk teklibi kärhananyň resmi dokumenti bolup durýar hem-de awtor teklibi yzyna alyp bilenok.

Oýlap tapyş we açyşlar ugurynda ýörite edara, dolandyryş müdirligi, dolandyryş işleri amala aşyrýar-awtor şahadatnamalary bermek, ylym we tehnika boýunça goramak patent informasiýasyny goramak.

**Oýlap tapyş-** täze we düýpli tehniki çözgütleriň halk hojalygyň dürli pudaklarynda we ýurduň sosial-medeni we goranmak müdirliginde bolup bilýär we

ykrar edilýär. Oýlap tapyşlar položitel effektli we ýokary hilli bolmaly. Oýlap tapyşlar esasan 5 sany döredijilik derejeli bolýar:

**1-2. Kiçi tehniki çözgütleri**

**3. Ortaça**

**4-5. Uly oýlap tapyşlar** degişlidir.

**Açyşlar-** şu güne çenli belli däl kanunalaýyklyklar, maddy dünýäniň, hadysalaryň häsiýetlerini üýtgetýän hem-de geografiýada arheologiýada, ýerasty baýlyklaryň ýataklaryny we jemgyýet öwreniş ylymlarynda.

Patent informasiýasy ýuridiki we ylmy-tehniki esaslar köki bolýar. Patent öwreniş açyşlaryň we oýlap tapyşlaryň hukuk taýdan prioritetiniň goramak boýunça meseleleri bilen baglydyr. Awtorçylyk kanun tarapyndan goralýar. Adamyň hususy akyl zähmetiniň senagatda ulanylýan netijesi senagateýeçilik emlägi hökmünde ulanylýar we açyşlara- oýlap tapyşlara bölünýärler hem-de peýdaly modeller, senagat nusgalary, haryt belgileri, firma talapmalary.

Ýazylan arza teklibiň esasynyň ýazuwy bilen berilýär, gerekli ýagdaýlarda goýmaça maglumatlar çertožlar, shemalar, teklibi amala aşyrmak üçin gerekli maglumatlar görkezilmeli.

Oýlap tapyşlara we senagat nusgalaryna bolan hukuk Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda goralýar we patent (çäklendirlen patent) bilen tassyklanylýar.

Oýlap tapyşa, senagat nusgasyna patent (çäklendirlen patent) patent seljerme (patent seljerme) geçirlenden we oýlap tapyş, senagat nusgasy reýestrde bellige alnandan soň berilýär.

Oýlap tapyşa, senagat nusgasyna bolanaýratyn hukuk oýlap tapyş, senagat nusgasy reýestrde bellige alnandan we patent (çäklendirlen patent) berlenden soň güýje girýär. Oýlap tapyş üçin patentiň (çäklendirlen patentiň) berýän hukuk goragynyň möçberi oýlap tapyşyň formulasy bilen kesgitlenilýär. Beýan etmeler we çyzgylar oýlap tapyşyň formulasyny düşündirmek üçin peýdalanylýar.

Senagat nusgasy üçin patentiň (çäklendirlen patentiň) berýän hukuk goragynyň möçberi senagat nusgasynyň şekillerinde görkezilen we senagat nusgasynyň tapawutly alamatlaryň sanawynda getirilen tapawutly alamatlaryň jemi bilen kesgitlenilýär.

Senagat nusgasynyň beýany senagat nusgasynyň tapawutly alamatlarynyň sanawyny düşündirmek üçin peýdalanylýar.

Gizlin diýlip hasap edilen oýlap tapyşlaryň, senagat nusgalarynyň hukuk goragy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde düzgünleşdirilýär. Berlen haýyşnama hakyndaky maglumatlar çap edilen senesinden reýestrde hasaba alnan senesine çenli oýlap tapyşa, senagat nusgasyna wagtlaýyn hukuk goragy berilýär.

Wagtlaýyn hukuk goragynyň hereket edýän döwründe haýyşnama berlen oýlap tapyşy, senagat nusgasyny ulanýan şahs patentiň (çäklendirlen patentiň) eýesine eýesi patent (çäklendirlen patent) alandan soň pul bilen öwez tölegini töleýär. Onuň möçberi taraplaryň ylalaşygy boýunça kesgitlenilýär.

Eger patenti (çäklendirlen patenti) bermekden ýüz öwürmek barada çözgüt Kabul edilen bolsa, onda wagtlaýyn hukuk goragy başlanmady diýlip hasap

edilýär. Patentiň (çäklendirlen patentiň) hereket ediş möhleti gutarandan ýa-da möhletinden öň bes edilenden soň oýlap tapyş ýa-da senagat nusgasy jemgyýetçilik emlägine geçýär. Jemgyýetçilik emlägine geçen oýlap tapyş, senagat nusgasy islendik şahs tarapyndan hiç kimden ygtyýarsyz we razyçylyksyz hem-de ulanany üçin pul hakyny tölemezden erkin ulanylyp bilner.

Senagat eýeçiligiň obýektlerini goramak babatda döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegi Türkmenistanyň ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň patent müdirligi (Türkmen Patent) amala aşyrýar. Oýlap tapyşyň, senagat nusgasynyň ulanylmagy diýlip, patentlenen oýlap tapyşyň ýa-da senagat nusgasynyň ulanylmagy bilen önümiň (harydyň) hojalyk dolanşygyna girizilmegi, şeýle hem patent bilen goralýan usulyň ulanylmagy ykrar edilýär.

Eger-de haryt oýlap tapyşyň formulasynyň garaşsyz bendinde getirilen ýa-da oňa deň bolan her bir alamaty özünde saklasa, usulda bolsa oýlap tapyşyň herbir alamaty ulanylan bolsa, oýlap tapyş haryda ýa-da usulda ulanylan idýlip ykrar edilýär.

Eger-de senagat nusgasy önümiň şekillerinde (ülňelerde, ergonometrik çyzgylarda, konweksiýa kartalarynda) görkezilen ähli düýpli alamatlary weý sanawda getirilen düýpli alamatlary özünde jemleýän bolsa, senagat nusgasy önümde ulanylan diýlip ykrar edilýär.

Eger-de patentlenen oýlap tapyş ulanylanda beýleki bir özara baglanşykly patentlenen oýlap tapyşyň formulasynyň garaşsyz bendinde dýgetirilen ähli alamatlar ulanylsa, patentlenen senagat nusgasy ulanylanda bolsa beýleki bir özara baglanşykly patentlenen senagat nusgasyna

düýpli alamatlarynyň sanawynda getirilen ähli alamatlar ulanylsa, beýleki bir özara baglanşykly oýlap tapyş ýa-da senagat nusgasy hem ulanylan diýlip ykrar edilýär. Senagat eýeçiliginiň goralýan obýektini ulanmak isleýän islendik şahs patent eýesi bilen ygtyýarnama şertnamasyny baglaşmaga borçludyr. Türkmen patent öz ygtyýarlyklaryna laýyklykda :

- oýlap tapyşlara, senagat nusgalaryna haýyşnamalary garamak üçin kabul edýär,olar boýunça seljerme geçirýär hem-de oýlap tapyşlary we senagat nusgalaryny bellige alýar;
- Türkmenistanyň gorag resminamalaryny berýär we döwlet reýestrini ýöredýär;
- ygtyýarnama şertnamalaryny hem-de oýlap tapyşlary we senagat nusgalaryny başga birine bermek baradaky şertnamalary bellige alýar;
- oýlap tapyşlaryň we senagat nusgalarynyň bellige alynmagyna üýtgemeler girizýär;
- Türkmenistanda goralýan senagat eýeçiliginiň obýektleri hakyndaky maglumatlary çap etmek üçin býulletenleri neşir edýär;
- senagat eýeçiligini goramak babatda gyzyklanýan talaplaryň bozulan ýa-da jedelleşýän hukuklary hakyndaky nägileliklerine garaýar;
-senagat eýeçiligi babatda Türkmenistanyň kanunçylgyny kämilleşdirmek we halkara şertnamalaryny baglaşmak boýunça teklipler işläp taýýarlanýar.;
-patent ynamdarlarynyň hünär synaglaryny we hasaba alynmagyny geçirýär.

Türkmenistanyň ykdysadyýet we ösüş ministrligi we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalary bilen Türkmen Patente berlen ygtyýarlyklaryň çäklerinde senagat eýeçiliginiň obýektlerini hukuk taýdan goramak meseleleri boýunça halkara şertnamalaryna laýyklykda Türkmenistanyň öz üstüne alan borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär. Patente bolan hukuk aşakdakylara degişlidir:

- Eger-de iş beriji bilen işgäriň arasyndaky şertnamada gaýry ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, işgäriň öz gulluk borjuny ýa-da iş berijiniň takyk hukuk taýdan resmileşdiren tabşyrygyny (gulluk oýlap tapyşy, gulluk senagat nusgasy) ýerine ýetirmegi bilen baglylykda döreden oýlap tapyşyna senagat nusgasyna patent çäklendirlen patent) almak hukugy iş berijä degişlidir.
- Eger-de iş beriji awtor tarapyndan döredilen oýlap tapyşy, senagat nusgasy barada habardar edilen senesinden dört aýyň dowamynda patent almak üçin Türkmenpatente haýyşnama bermese ýa-da awtory degişli obýektiň gizlin saklanjakdygy barada resmi taýdan habardar etmese, onda patent almak hukugy awtora geçýär. Bu ýagdaýda iş beriji şertnama esasynda kesgitlenilýän öwez tölegini patentiň eýesine töläp, oýlap tapyşy, senagat nusgasyny öz önümçiliginde ulanmaga haky bardyr.

## Patentiň eýesiniň hukuklary

Patentiň eýesiniň patentlenen oýlap tapyşy, senagat nusgasynyň ulanmaga, başga birine ulanmaga rugsat bermäge ýa-da ulanmagy gadagan etmäge aýratyn hukugy bardyr. Patentiň eýesiniň patente (çäklendirlen patent) bolan hukugyny birine bermäge ýa-da patent (çäklendirlen patent) bilen goralýan oýlap tapyşy, senagat nusgasyny ulanmak üçin ygtarnama bermäge haky bardyr.

Patent (çäklendirlen patent) eýeleriniň arasyndaky oýlap tapyşy, senagat nusgalaryny ulanmak boýunça özara gatnaşyklar olaryň arasyndaky ylalaşyk bilen kesgitlenilöär. Şeýle ylalaşygyň ýok ýagdaýynda olaryň hersi patentlene oýlap tapyşy, senagat nusgasyny öz islegine görä ulanyp biler, ýöne beýleki patent eýeleriniň razylygy bolmasa, oňa ygtyýarnama bermäge ýa-da patenti başga birine bermäge haky bardyr. Oýlap tapyşyň, senagat nusgalarynyň patent eýeleriniň arasynda ygtyýarnama bermek ýa-da peatente bolan hukugy başga birine bermek barada ylalaşyk gazanylmas, jedel kazyýet tertibinde çöxülip bilner.

1. Eger-de bir patent eýesi patentlenen oýlap tapyşy, senagat nusgasyny beýleki patent eýesiniň hukugyny bozman ulanyp bilmese, onuň beýleki patent eýesinden ygtyýarnamaşertnamasyny baglaşmaklygyny talap edýär.
2. Özara baglanşykly patentleriň (çäklendirlen patent) eýeleriniň özara gatnaşyklary olaryň özaralarynda ygtyýarnama şertnamasyny baglaşdyrmaklygy bilen şertlenilýär.
3. Patent (çäklendirlen patent) we ony almaga bolan hukuk miras boýunça geçýär.

Şu aşakdakylar oýlap tapyşa we senagat nusgasyna bolan aýratyn hukuklaryň bozulmagy diýlip hasap edilýär :

- Patent eýesiniň rugsady bolmazdan, patentlenen oýlap tapyşyň, senagat nusgasynyň ulanylmagy;
- Patentlenen oýlap tapyş ýa-da patentlenen senagat nusgasy ulanylan önümi taýýarlamak, ulanmak, getirmek , setmaga hödürlemek, satmak we hojalyk dolanşygyna bleki görnüşde girizmek ýa-da şu maksat bilen saklamak;
- Patentlenen usuly amala aşyrmak ýa-da ony ulanmaga teklip etmek;
- Üçünji bir şahsy ýokarda agzalan hereketleri amala aşyrmaga itermek.

Patent eýesiniň aýratyn hukugyny bozýan diýlip hasap edilmeýän hereketler:

- Agzalýan serişdeleriň wagtlaýyn ýa-da tötänden Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşip, görkezilen önümleriň ýa-da harytlaryň, ulag serişdeleriniň hajatlary üçin ulanylýan ýagdaýynda, patentlenen oýlap tapyş ulanylan harydy ýa-da patentlenen senagat nusgasy ulanylan önümi gurnamada, kömekçi enjamda ýa-da daşary ýurt döwletleriniň ulag serişdelerinde (suw, howa, awtomobil, demir ýol ulaglarynda we kosmos tehnikalarynda) ulanylmagy. Türkmenistanda hasaba alnan ulag serişdeleri babatda edil şonuň ýaly hukuklary berýän daşary ýurt döwletleriniň ulag serişdeleri babatda şeýle heretekler patent eýesiniň aýratyn hukugynyň bozulmagy diýlip hasap edilmeýär;
- Patentlenen oýlap tapyşlaryň ýa-da senagat nusgasynyň ulanylan harydynyň, usulynyň ýa-da önüminiň ylmy barlagyny ýa-da şeýle harydyň, usulyň ýa-da
  önümiň üstünde tejribe geçirmek;
- Patent eýesine bir aý möhletde habar berip hem-de soňra habardar möçberdäki öwez tölegini töläp, patentlenen oýlap tapyşy ýa-da patentlenen senagat nusgasyny adatdan daşary ýagdaýlara (tebigy betbagtçylyklarda, weýrançylyklarda, heläkçiliklerde) ulanmak;
- Eger-de şeýle ulanmak bilen söwda (girdeji) almak maksat edinilmeýän bolsa, patentlenen oýlap tapyşy ýa-da senagat nusgasyny şahsy, maşgala öý ýa-da telekeçilik işi bilen bagly bolmadyk gaýry hajatlarda ulanmak;
- Patentlenen oýlap tapyşy ulanmak bilen, lukmanlaryň dermannamalary boýunça derman serişdelerini dermanhanalarda bir gezek taýýarlamak;

Eger-de şol haryt ýa-da önüm patent eýesi ýa-da patent eýesiniň trugsady bilen başga şahs tarapyndan öň Türkmenistanyň çäklerinde raýat dolanşygyna girizilen bolsa, patentlenen oýlap tapyş ulanylan harydy ýa-da patentlenen senagat nusgasy ulanylan önümi ulanmak, satmak üçin hödürlemek, satmak, raýat dolanşygynýa başga görnüşde girizmek ýa-da şeýle maksat bilen saklamak.

Oýlap tapyşyň, senagat nusgasynyň ilkinjilik senesine çenli Türkemenistanyň çäklerinde awtor bilen baglanşyksyň döredilen birmeňzeş çözgüdi ak ýürekden ulanan ýa-da munuň üçin zerur bolan taýýarlyklary gören islendik şahs ony mundan beýläk hem mäçberini giňeltmezden mugtuna ulanmak hukugyny saklap galýar. Öňden ulanmak hukugy başga şahsa diňe birmeňzeş çözgüdiň ulanylan ýa-da munuň üçin zerur bolan taýýarlyklaryň görlen önümçiligi bilen birlikde berlip bilner.

## Oýlap tapyş üçin haýyşnamanyň seljermesi

Oýlap tapyşa haýyşnamalar boýunça Türkmenpatent formal, çäklendirlen we patent seljermesini geçirýär.

Haýyşnamaçy çäklendirilen patent we patent alyp biler.

## Oýlap tapyşa haýyşnamanyň formal seljermesi

Türkmenpatente haýyşnama berlen senesinden 3 aý geçenden soň, haýyşnama boýunça formal seljerme geçirilýär.

Haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça formal seljerme görkezilen geçmänkä hem başlanyp bilner. Bu ýagdaýda haýyşnamaçy haýyşnamanyň berlen pursadyndan haýyşnamanyň göz öňünde tutulan haýyşnamanyň resminamalaryna öz islegi boýunça paç tölemezden üýtgetmeler girizmek hukugyndan mahrum bolýar.

Formal seljerme 1 aý möhletde geçirilýär we şularyň barlagyny öz içine alýar:

- Zerur resminamalaryň bardygyny we olara bilbirilýän talaplaryň berjeý edilişini;
- Haýyşnama edilen tehniki çözgüdiň hukuk goragy berilýän obýektlere laýyklygyny;
- Oýlap tapyşda bütewilik talaplarynyň berjaýedilişini;
- Halkara patentleriň toparlara bölünişi boýunça oýlap tapyşyň toparlara bölünşiniň dogrulygyny;
- Ilkinjilik soralmagynyň kanuna laýyklygynyň we tertibiniň berjaý edilişini.

Eger-de haýyşnama formal seljermäniň talaplaryny kanagatlandyrsa, onuň bellenilip berlen senesi görkezilip, haýyşnamanyň garamaga kabul edilendigi barada haýyşnamaça habarnama iberilýär.

Haýyşnama berilen tehniki çözgüt hukuk goragy berilýän obýektlere laýyk gelmedik ýagdaýynda, ýa-da bellenilen möhletde gerekli takyknamalaryň ýa-da haýyşnamanyň berlen senesinden ýetmeýän resminamalaryň getirilmedik ýagdaýynda haýyşnamaça haýyşnamanyň kabul edilmeýänligi barada habarnama iberilýär.

Oýlap tapyşa haýyşnamanyň berlen senesinden 18 aý geçenden soň ilkinjilik soralan bolsa, ilkinjiligiň senesinden başlap Türkmenpatent haýyşnama barada býulletende maglumatlary çap edýär. Haýyşnamanyň yzyna alnan ýa-da ol boýunça patent(çäklendirilen patent) bermek ýa-da patent (çäklendirilen patent) bermezlik barada çözgüt kabul edilen ýagdaýlary muňa girmeýär. Çap edilýän maglumatlaryň möçberini Türkmenpatent kesgitleýär.

Formal seljerme tamamlanandan soňra haýyşnama boýunça maglumatlar goşmaça paç tölenen ýagdaýynda bellenilen möhletler geçmänkä hem çap edilip bilner. Haýyşnamanyň garamaga kabul edilendigi barakay habarnama iberilen senesinden 3 aýyň dowamynda haýyşnamaçy tarapyndan Türkmenpatente degişli towakganama berilip bilner. Türkmenpatent oýlap tapyş üçin haýyşnama baradaky maglumaty býulleteniň nobatdaky sanynda çap edýär. Oýlap tapyşyň awtorynyň haýyşnamasy barada çap edilýän maglumatlarda öz adynyň tutulmagyndan boýun gaçyrmaga haky bardyr.

Oýlap tapyşa haýyşnamanyň resminamalaryna bildirilýän talaplaryň bozulyp resmileşdirilen haýyşnamasy boýunça haýyşnamaça onuň iberilen senesinden 3 aýyň dowamynda düzedilen ýa-da ýetmeýän resminamalary getirmek teklip edilip, talapnama iberilýär. Haýyşnamaçynyň towakganamasy esasynda goşmaça pajyň tölenen ýagdaýynda bellenen möhlet indiki 6 aýa uzaldylyp bilner.

Eger-de haýyşnamaçy bellenilen möhletde soralýan resminamalary ýa-da ony uzaltmak baradaky towakganamany getirmese, Türkmenpatent haýyşnamaça bellenilen möhletiň geçendigi barada habarnama iberýär. Haýyşnamaçynyň towakganamasy esasynda goşmaça pajyň tölenen ýagdaýynda bellenen möhlet uzaldylyp bilner.

Degişli paçlaryň tölenen ýagdaýynda soralýan resminamalary bermek üçin geçirilen möhlet haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça dikeldilip bilner. Soralýan resminamalara goşmak bilen geçirilen möhlediň dikeldilmegi baradaky towakganama haýyşnamaçy tarapyndan bellenilen möhlediň geçen senesinden 6 aýdan gijä galman berilmelidir.

Möhledi dikeltmek barada towakganamanyň berilmedik ýagdaýynda haýyşnama yzyna alnan diýlip ykrar edilýär we bu barada haýyşnamaça habar berilýär.

Oýlap tapyşyň bütewilik talabynyň bozulmagy bilen berlen haýyşnama boýunça degişli habarnama iberilen senesinden 3 aýyň dowamynda haýyşnamaça haýyşnama edilen oýlap tapyşlaryň haýsysyna garamalydygyny habar bermek we zerur bolsa ilkibaşdaky haýyşnamanyň maglumatlaryna üýtgetmeler girizmek teklip edilýär. Bu haýyşnamada haýyşnama edilen beýleki oýlap tapyşlar bölüp aýrylan haýyşnama hökmünde resmileşdirilip bilner.

Eger-de haýyşnamaçy bellenilen möhlediň içinde haýyşnama edilen oýlap tapyşlaryň haýsysyna garamalydygyny habar bermese we zerur bolanda degişli resminamamalary getirmese, oýlap tapyşyň formulasynda birinji bolup görkezilen oýlap tapyşa garalýar.

## Oýlap tapyş haýyşnamanyň çäklendirlen seljermesi

Oňyn netije bilen formal seljermäni geçen haýyşnamalar boýunça çäklendirlen seljermä geçirilýär. Çäklendirlen seljerme formal seljermäniň tamamlanan senesinden 6 aý möhlediň içinde geçirilýär we şulary öz içine alýar:

- Haýyşnamaçy tarapyndan berilen oýlap tapyşyň formulasynyň bellenilen talaplara laýyklygynyň barlagy;
- Goşmaça maglumatlaryň bellenilen talaplara laýyklygynyň barlagy;
- Haýyşnama edilen oýlap tapyşyň haýyşnamaçynyň haýyşnamasynyň maglumatlaryndaky getiren tehnikanyň derejesi boýunça,oýlap tapyş üçin yzyna alynmadyk haýyşnamalar, oýlap tapyş üçin çap edilen haýyşnamalar hem-de Türkmenistanyň we Ýewraziýanyň patent edaralarynyň has irki ilkinjilikli patentler boýunça patente ukyplylyk şertlerine laýyklygynyň barlagy.

Degişli pajy tölän ýagdaýynda haýyşnamaçynyň çäklendirlen seljermäniň çaltlandryryp geçirilmegini towakga etmäge haky bardyr. Çaltlandyrylan çäklendirilen seljerme şeýle towakganamanyň gelen senesinden 3

aý möhlediň dowamynda geçirilýär.

Çäklendirlen patent bermek baradaky çözgüt ýa-da çaltlandyrlan çäklendirlen seljermäniň netijesi boýunça berlen çäklendirlen patent has irki ilkinjiligi bolan meňzeş haýyşnamanyň Türkmenpatente gelen ýagdaýynda ýatyrylyp bilner.

Çäklendirlen seljermäniň barşynda Türkmenpatentiň seljermäni geçirmek üçin zerur bolan başgaça maglumatlary haýyşnamaçydan talap etmäge haky bardyr.

Çäklendirlen seljermäniň barşynda haýyşnamaçynyň öz islegi bilen seljermäniň talapnamasy boýunça berlen goşmaça maglumatlaryň haýyşnama edilen oýlap tapyşyň mazmunyny üýtgemeýändigi barlanylýar.

Haýyşnama garalanda goşmaça maglumatlaryň oýlap tapyşyň mazmunyny üýtgedýän bölegi üns merkezine alynmaýar we olar haýyşnamaçy tarapyndan özbaşdak haýyşnama hökmünde resmileşdirilip bilner. Bu barada haýyşnamaça habar berilýär.

Eger-de çäklendirlen seljermäniň netijesinde Türkmenpatent haýyşnama edilen oýlap tapyşyň bildirilýän talaplara jogap berýändigini ýüze çykarsa, haýyşnamaça üç aý möhlediň dowamynda habarnamada oýlap tapyşyň görkezilen formulasy babatda öz pikirini getirmek teklip edilip, çäklendirlen patent bermäge taýýardygy barada habarnamany iberýär.çäklendirlen patent barada çözgüt çykarylanda haýyşnamaçynyň pikiri göz öňünde tutulýar.

Çözgüt bellenilen möhlet geçenden soň bir aýyň dowamynda çykarylýar. Haýyşnamaçynyň seljermäniň habarnamasynda getirilen oýlap tapyşyň formasy bilen ylalaşan ýa-da habarnamany jogapsyz goýan ýagdaýynda, seljermäniň beýan edişi boýunça oýlap tapyşyň formulasy bilen çäklendirlen patent bermek barada çözgüt çykarylýar.

Patent almak niýeti dörände haýyşnamaçy çäklendirlen patent bermäge taýýardyklary barada iberilen habarnamany alan senesinden 3 aýyň dowamynda onuň berilmegini togtatmak barada towakganama bermelidir. Bu ýagdaýda oýlap tapyş üçin haýyşnama boýunça işler patent seljermesini geçirmek baradaky towakganama berilýänçä togtadylýar.

Patent seljermesini geçirmek baradaky towakganama oýlap tapyş üçin haýyşnamanyň berlen senesinden bäş ýylyň dowamynda berilmelidir. Şeýle bolmadyk ýagdaýynda bellenilen möhlediň gutaran senesinden başlap alty aýdan soň Türkmenpatentçäklendirlen seljermäniň netijeleri boýunça çäklendirlen patent bermek barada çözgüt çykarýar.

Eger-de çäklendirlen seljermäniň barşynda haýyşnama edilen oýlap tapyşyň patente ukyplylyk şertlerine laýyk däldigi ýüze çykarylsa , haýyşnamaça habarnamada getirilen deliller babatda öz pikirini aýtmak teklip edilip, çäklendirlen paten bermezligiň mümkinçiligi barada habarnama iberilýär.

Eger-de haýyşnamaçynyň pikirleri habarnama iberilen senesinden üç aýyň dowamynda Türkmenpatente berlen bolsa, olar çäklendirlen patent bermezlik ýa-da bermek barada çözgüt çykarylanda göz öňünde tutulýar.

Haýyşnamaçynyň towakganamasy esasynda goşmaça pajyň tölenen ýagdaýynda jogap bermek üçin bellenen möhlet indiki alty aýa uzaldylyp bilner.

## Oýlap tapyş üçin haýyşnamanyň patent seljermesi

Çäklendirilen netijeden oňyn netijeleri bilen geçen haýyşnamalar boýunça haýyşnamalar baradaky towakganama bolan ýagdaýynda patent seljermesi geçirilýär. Patent seljermesi geçirmek baradaky towakganama oýlap tapyş üçin haýyşnamanyň berlen senesinden bäş ýylyň dowamynda berilmelidir.

Haýyşnama edilen oýlap tapyşyň patente ukyplylygyny tassyklaýan resminamalar hökmünde haýyşnamaçy seljermäniň ygtyýarly edarasynyň netijenamasynyň göçürme nusgasyny towakganama goşup biler. Şeýle hem oýlap tapyşyň patente ukyplylygyny tassyklaýan resminamalar hökmünde patentiň ýa-da seljermäniň ygtyýarly edarasynyň biri tarapyndan geçirilen seljermäniň ygtyçarly edarasynyň biri tarapyndan geçirilen seljermäniň berlen ugurdaş haýyşnama boýunça patent bermek baradaky çözgüdiň göçürme nusgasy getirilip bilner.

Oýlap tapyşyň patente ukyplylygynyň getirilen subutnamalaryna patent seljermesini geçirmek barada arzanyň gelen senesinden 3 aý möhlediň dowamynda garalýar.

Subutnamalara berilýän talaplar, olary getirmegiň we olara garamagyň tertibi Türkmenpatent tarapyndan bellenilýär.

Patent seljermesini geçirmegiň barşynda Türkmenpatentiň seljermäni geçirmek üçin zerur bolan goşmaça maglumatlary haýyşnamaçydan soramaga haky bardyr.

Eger-de patent seljermesiniň netijesi boýunça Türkmenpatent haýyşnama edilen oýlap tapyşyň patente ukyplylyk şertlerine laýyklygyny ýüze çkarsa, onda haýyşnamaça iki aý möhlediň dowamynda oýlap tapyşyň formulasynyň beýan edilişi babatda öz pikirini bermegini teklip edip, patent bermäge taýýardyklary barada habarnama iberilýär. Haýyşnamaçynyň pikiri patent bermek barada çözgüt çykarylanda göz öňünde tutulýar.

Çözgüt bellenen möhlet tamamlanandan soň bir aýyň dowamynda çykarylýar. Haýyşnamaçynyň seljermäniň habarnamasyndaky getirilen oýlap tapyşyň formulasy bilen ylalaşylan ýa-da habarnamany jogapsyz galdyran ýagdaýynda, patent bermek baradaseljermäniň beýanyndaky formula bilen çözgüt çykarylýar. Her gün tehniki çözgütler işläp düzülsede, olaryň hemmesi oýlap tapyş diýip hasaplanmaşar. Olary ykrar etmek üçin bellenilen düzgün tertip boýunça arz edilen, düzülen bolmaly we bellenilen kesgitlenen talaplara laýyk gelmeli. Arza maglumatlary doly we dogry taýýarlanan we düzülen ýagdaýynda, edilen talaplar doly berjaý edilen ýagdaýynda oýlap tapyşlaryň doly goragyny üpjün edip bolýar (awtor hukugyny we bähbidini). Arzanyň ýanynda hökmany bolmaly resminamalar aşakda görkezilýär:

- Awtor şahadatnamasynyň ýa-da patentiň berilmegi barada arza
- Oýlap tapyşyň formulasy we onuň ýazuwy;
  Oýlap tapyşyň manysyny we ähmiýetini doly açmak maksady bilen çyzgylar, shemalar, synag akty we başga materiallar;
- Oýlap tapyşyň mazmuny boýunça anotasiýa;
- Täzeligi, ulanylmak ugurlary we tehniki ykdysady netijesi barada jemleme (guramalar, kärhanalar tarapyndan arza berlen ýagdaýynda);

- Arza berleni üçin döwlet tölegi barada kwitansiýa.

Arza 3 ekzemplýarda berilýär: Oýlap tapyşyň ady, awtoryň familiýasy, ady, adresi, işleýän ýeri görkezilýär. Arza awtoryň özi ýada onuň nesli tarapyndan “Türkmenpatent” wedomstwa berilýär.

Oýlap tapyş boýunça “Türkmenpatente” berlen arzalary (haýyşnamalary), olaryň hasaba alnandan soň (registrasiýadan soň) seljerme işi geçirilýär:

- Formal
- Çäklendirilen
- Patent ekspertizasynyň seljermesini

Formal seljerme 15 günüň ýa-da 1 aýyň dowamynda geçirilýär. Onuň maksady- arza edilen talaplar doly, dogry ýerine ýetirildi we onuň esasynda karar çykarylýar. Formal seljerme şu barlaglary öz içine alýar:

- Zerur resminamalaryň barlagyny we olara bildirilýän talaplaryň berjaý edilişini;
- Haýyşnama edilen hukuk çözgüdiniň goragy berilýän obýektlere laýyklygy;
- Oýlap tapyşda bütewilik talaplarynyň berjaý edilişini;
- Halkara patentleriň topara bölünşi boýunça oýlap tapyşyň toparlara bölünşiniň dogrulygyny;
- Ilkinjilik soralmagynyň kanunalaýyklygynyň we teklibiniň berjaý edilişini;

Eger-de haýyşnama formal seljermäniň talaplaryny kanagatlandyrsa, onuň bellenilip berlen senesi görkezilip, haýyşnamanyň garamaga kabul edilendigi barada haýyşnamaça habarnama iberilýär.

Formal seljerme işlerinden soň birnäçe kararlar çykaryp bolýar.

1. Haýyşnamany seretmäge kabul etmek-bu karar haýyşnamanyň talaplara laýyk düzülendigini aňladýar;
2. Haýyşnamany kabul etmezlik- haýyşnamanyň düzgünnama boýunça talaplara laýyk gelmedik ýagdaýynda we oýlap tapyş ykrar edilmese;

Haýyşnamaça arzasyna gerekli üýtgeşikler we goşmaça maglumatlar girizmegi hödürlenýär.

Oýlap tapmalaryň hukuk goramak ulgamynda wajyp tapgyr ylmy-tehniki seljermedir. Haýyşnamanyň garamaga kabul edilendigi baradaky habarnama iberilen senesinden üç aýyň dowamynda haýyşnamaçy tarapyndan Türkmenpatente degişli towakganama berlip bilner. Türkmenpatent oýlap tapyş üçin haýyşnama barada maglumatlary öz byulleteninde çap edip biler. Oýyn netije bilen formal seljerme geçirilenden soň geçen haýyşnamalar boýunça çäklendirilen seljerme geçirilýär. Çäklendirilen seljerme formal seljermäniň tamamlanandan soň alty aýyň içinde geçirilýär.

Oýlap tapyşa haýyşnamalar boýunça Türkmenpatent formal, çäklendirlen we patent seljermesini geçirýär.Haýyşnamaçy çäklendirilen patent we patent alyp biler.

## Oýlap tapyşa haýyşnamanyň formal seljermesi

**1.** Türkmenpatente haýyşnama berlen senesinden 3 aý geçenden soň, haýyşnama boýunça formal seljerme geçirilýär.

Haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça formal seljerme görkezilen geçmänkä hem başlanyp bilner. Bu ýagdaýda haýyşnamaçy haýyşnamanyň berlen pursadyndan haýyşnamanyň göz öňünde tutulan haýyşnamanyň resminamalaryna öz islegi boýunça paç tölemezden üýtgetmeler girizmek hukugyndan mahrum bolýar. Formal seljerme 1 aý möhletde geçirilýär we şularyň barlagyny öz içine alýar:

- Zerur resminamalaryň bardygyny we olara bilbirilýän talaplaryň berjeý edilişini;
- Haýyşnama edilen tehniki çözgüdiň hukuk goragy berilýän obýektlere laýyklygyny;
- Oýlap tapyşda bütewilik talaplarynyň berjaýedilişini;
- Halkara patentleriň toparlara bölünişi boýunça oýlap tapyşyň toparlara bölünşiniň dogrulygyny;
- Ilkinjilik soralmagynyň kanuna laýyklygynyň we tertibiniň berjaý edilişini.

Eger-de haýyşnama formal seljermäniň talaplaryny kanagatlandyrsa, onuň bellenilip berlen senesi görkezilip, haýyşnamanyň garamaga kabul edilendigi barada haýyşnamaça habarnama iberilýär.

Haýyşnama berilen tehniki çözgüt hukuk goragy berilýän obýektlere laýyk gelmedik ýagdaýynda, ýa-da bellenilen möhletde gerekli takyknamalaryň ýa-da haýyşnamanyň berlen senesinden ýetmeýän resminamalaryň getirilmedik

ýagdaýynda haýyşnamaça haýyşnamanyň kabul edilmeýänligi barada habarnama iberilýär.

**2.** Oýlap tapyşa haýyşnamanyň berlen senesinden 18 aý geçenden soň ilkinjilik soralan bolsa, ilkinjiligiň senesinden başlap Türkmenpatent haýyşnama barada býulletende maglumatlary çap edýär. Haýyşnamanyň yzyna alnan ýa-da ol boýunça patent(çäklendirilen patent) bermek ýa-da patent (çäklendirilen patent) bermezlik barada çözgüt kabul edilen ýagdaýlary muňa girmeýär. Çap edilýän maglumatlaryň möçberini Türkmenpatent kesgitleýär.

Formal seljerme tamamlanandan soňra haýyşnama boýunça maglumatlar goşmaça paç tölenen ýagdaýynda bellenilen möhletler geçmänkä hem çap edilip bilner. Haýyşnamanyň garamaga kabul edilendigi barakay habarnama iberilen senesinden 3 aýyň dowamynda haýyşnamaçy tarapyndan Türkmenpatente degişli towakganama berilip bilner. Türkmenpatent oýlap tapyş üçin haýyşnama baradaky maglumaty býulleteniň nobatdaky sanynda çap edýär. Oýlap tapyşyň awtorynyň haýyşnamasy barada çap edilýän maglumatlarda öz adynyň tutulmagyndan boýun gaçyrmaga haky bardyr.

**3.** Oýlap tapyşa haýyşnamanyň resminamalaryna bildirilýän talaplaryň bozulyp resmileşdirilen haýyşnamasy boýunça haýyşnamaça onuň iberilen senesinden 3 aýyň dowamynda düzedilen ýa-da ýetmeýän resminamalary getirmek teklip edilip, talapnama iberilýär.

Haýyşnamaçynyň towakganamasy esasynda goşmaça pajyň tölenen ýagdaýynda bellenen möhlet indiki 6 aýa uzaldylyp bilner.

Eger-de haýyşnamaçy bellenilen möhletde soralýan resminamalary ýa-da ony uzaltmak baradaky towakganamany getirmese, Türkmenpatent haýyşnamaça bellenilen möhletiň geçendigi barada habarnama iberýär. Haýyşnamaçynyň towakganamasy esasynda goşmaça pajyň tölenen ýagdaýynda bellenen möhlet uzaldylyp bilner.

Degişli paçlaryň tölenen ýagdaýynda soralýan resminamalary bermek üçin geçirilen möhlet haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça dikeldilip bilner. Soralýan resminamalara goşmak bilen geçirilen möhlediň dikeldilmegi baradaky towakganama haýyşnamaçy tarapyndan bellenilen möhlediň geçen senesinden 6 aýdan gijä galman berilmelidir.

Möhledi dikeltmek barada towakganamanyň berilmedik ýagdaýynda haýyşnama yzyna alnan diýlip ykrar edilýär we bu barada haýyşnamaça habar berilýär.

**4.** Oýlap tapyşyň bütewilik talabynyň bozulmagy bilen berlen haýyşnama boýunça degişli habarnama iberilen senesinden 3 aýyň dowamynda haýyşnamaça

haýyşnama edilen oýlap tapyşlaryň haýsysyna garamalydygyny habar bermek we zerur bolsa ilkibaşdaky haýyşnamanyň maglumatlaryna üýtgetmeler girizmek teklip edilýär. Bu haýyşnamada haýyşnama edilen beýleki oýlap tapyşlar bölüp aýrylan haýyşnama hökmünde resmileşdirilip bilner.

Eger-de haýyşnamaçy bellenilen möhlediň içinde haýyşnama edilen oýlap tapyşlaryň haýsysyna garamalydygyny habar bermese we zerur bolanda degişli resminamamalary getirmese, oýlap tapyşyň formulasynda birinji bolup görkezilen oýlap tapyşa garalýar.

## Oýlap tapyş haýyşnamanyň çäklendirlen seljermesi

**1.** Oňyn netije bilen formal seljermäni geçen haýyşnamalar boýunça çäklendirlen seljermä geçirilýär.

Çäklendirlen seljerme formal seljermäniň tamamlanan senesinden 6 aý möhlediň içinde geçirilýär we şulary öz içine alýar:

- Haýyşnamaçy tarapyndan berilen oýlap tapyşyň formulasynyň bellenilen talaplara laýyklygynyň barlagy;
- Goşmaça maglumatlaryň bellenilen talaplara laýyklygynyň barlagy;

Haýyşnama edilen oýlap tapyşyň haýyşnamaçynyň haýyşnamasynyň maglumatlaryndaky getiren tehnikanyň derejesi boýunça,oýlap tapyş üçin yzyna alynmadyk haýyşnamalar, oýlap tapyş üçin çap edilen haýyşnamalar hem-de Türkmenistanyň we Ýewraziýanyň patent edaralarynyň has irki ilkinjilikli patentler boýunça patente ukyplylyk şertlerine laýyklygynyň barlagy.

Degişli pajy tölän ýagdaýynda haýyşnamaçynyň çäklendirlen seljermäniň

çaltlandryryp geçirilmegini towakga etmäge haky bardyr. Çaltlandyrylan çäklendirilen seljerme şeýle towakganamanyň gelen senesinden 3 aý möhlediň dowamynda geçirilýär.

Çäklendirlen patent bermek baradaky çözgüt ýa-da çaltlandyrlan çäklendirlen seljermäniň netijesi boýunça berlen çäklendirlen patent has irki ilkinjiligi bolan meňzeş haýyşnamanyň Türkmenpatente gelen ýagdaýynda ýatyrylyp bilner.

**1.** Çäklendirlen seljermäniň barşynda Türkmenpatentiň seljermäni geçirmek üçin zerur bolan başgaça maglumatlary haýyşnamaçydan talap etmäge haky bardyr. Çäklendirlen seljermäniň barşynda haýyşnamaçynyň öz islegi bilen seljermäniň talapnamasy boýunça berlen goşmaça maglumatlaryň haýyşnama edilen oýlap tapyşyň mazmunyny üýtgemeýändigi barlanylýar.

Haýyşnama garalanda goşmaça maglumatlaryň oýlap tapyşyň mazmunyny üýtgedýän bölegi üns merkezine alynmaýar we olar haýyşnamaçy tarapyndan özbaşdak haýyşnama hökmünde resmileşdirilip bilner. Bu barada haýyşnamaça habar berilýär.

**2.** Eger-de çäklendirlen seljermäniň netijesinde Türkmenpatent haýyşnama edilen oýlap tapyşyň bildirilýän talaplara jogap berýändigini ýüze çykarsa, haýyşnamaça üç aý möhlediň dowamynda habarnamada oýlap tapyşyň görkezilen formulasy babatda öz pikirini getirmek teklip edilip, çäklendirlen patent bermäge taýýardygy barada habarnamany iberýär.çäklendirlen patent barada çözgüt çykarylanda haýyşnamaçynyň pikiri göz öňünde tutulýar.

**3.** Çözgüt bellenilen möhlet geçenden soň bir aýyň dowamynda çykarylýar. Haýyşnamaçynyň seljermäniň habarnamasynda getirilen oýlap tapyşyň formasy bilen ylalaşan ýa-da habarnamany jogapsyz goýan ýagdaýynda, seljermäniň beýan edişi boýunçaoýlap tapyşyň formulasy bilen çäklendirlen patent bermek barada çözgüt çykarylýar.

**4.** Patent almak niýeti dörände haýyşnamaçy çäklendirlen patent bermäge taýýardyklary barada iberilen habarnamany alan senesinden 3 aýyň dowamynda onuň berilmegini togtatmak barada towakganama bermelidir. Bu ýagdaýda oýlap tapyş üçin haýyşnama boýunça işler patent seljermesini geçirmek baradaky towakganama berilýänçä togtadylýar. Patent seljermesini geçirmek baradaky towakganama oýlap tapyş üçin haýyşnamanyň berlen senesinden bäş ýylyň dowamynda berilmelidir. Şeýle bolmadyk ýagdaýynda bellenilen möhlediň gutaran senesinden başlap alty aýdan soň Türkmenpatentçäklendirlen seljermäniň netijeleri boýunça çäklendirlen patent bermek barada çözgüt çykarýar.

**5.** Eger-de çäklendirlen seljermäniň barşynda haýyşnama edilen oýlap tapyşyň patente ukyplylyk şertlerine laýyk däldigi ýüze çykarylsa , haýyşnamaça habarnamada getirilen deliller babatda öz pikirini aýtmak teklip edilip, çäklendirlen paten bermezligiň mümkinçiligi barada habarnama iberilýär.

Eger-de haýyşnamaçynyň pikirleri habarnama iberilen senesinden üç aýyň dowamynda Türkmenpatente berlen bolsa, olar çäklendirlen patent bermezlik ýa-da bermek barada çözgüt çykarylanda göz öňünde tutulýar. Haýyşnamaçynyň towakganamasy esasynda goşmaça pajyň tölenen ýagdaýynda jogap bermek üçin bellenen möhlet indiki alty aýa uzaldylyp bilner.

## Oýlap tapyş üçin haýyşnamanyň patent seljermesi

Çäklendirilen netijeden oňyn netijeleri bilen geçen haýyşnamalar boýunça haýyşnamalar baradaky towakganama bolan ýagdaýynda patent seljermesi geçirilýär. Patent seljermesi geçirmek baradaky towakganama oýlap tapyş üçin haýyşnamanyň berlen senesinden bäş ýylyň dowamynda berilmelidir.

Haýyşnama edilen oýlap tapyşyň patente ukyplylygyny tassyklaýan resminamalar hökmünde haýyşnamaçy seljermäniň ygtyýarly edarasynyň netijenamasynyň göçürme nusgasyny towakganama goşup biler. Şeýle hem oýlap tapyşyň patente ukyplylygyny tassyklaýan resminamalar hökmünde patentiň ýa-da seljermäniň ygtyýarly edarasynyň biri tarapyndan geçirilen seljermäniň ygtyçarly edarasynyň biri tarapyndan geçirilen seljermäniň berlen ugurdaş haýyşnama boýunça patent bermek baradaky çözgüdiň göçürme nusgasy getirilip bilner.

Oýlap tapyşyň patente ukyplylygynyň getirilen subutnamalaryna patent seljermesini geçirmek barada arzanyň gelen senesinden 3 aý möhlediň dowamynda garalýar.

Subutnamalara berilýän talaplar, olary getirmegiň we olara garamagyň tertibi Türkmenpatent tarapyndan bellenilýär. Patent seljermesini geçirmegiň barşynda Türkmenpatentiň seljermäni geçirmek üçin zerur bolan goşmaça maglumatlary haýyşnamaçydan soramaga haky bardyr.

Eger-de patent seljermesiniň netijesi boýunça Türkmenpatent haýyşnama edilen oýlap tapyşyň patente ukyplylyk şertlerine laýyklygyny ýüze çkarsa, onda haýyşnamaça iki aý möhlediň dowamynda oýlap tapyşyň formulasynyň beýan edilişi babatda öz pikirini bermegini teklip edip, patent bermäge taýýardyklary barada habarnama iberilýär. Haýyşnamaçynyň pikiri patent bermek barada çözgüt çykarylanda göz öňünde tutulýar. Çözgüt bellenen möhlet tamamlanandan soň bir aýyň dowamynda çykarylýar. Haýyşnamaçynyň seljermäniň habarnamasyndaky getirilen oýlap tapyşyň formulasy bilen ylalaşylan ýa-da habarnamany jogapsyz galdyran ýagdaýynda, patent bermek barada seljermäniň beýanyndaky formula bilen çözgüt çykarylýar.

## Gorag resminamalarynyň güýjiniň bes edilmeginiň düzgünleri. Patent güýçsiz yglan etmegiň tertibi. Lisenziýa şertnamasy.

Patentiň (çäklendirilen patentiň) hereketi aşakdaky ýaly ýagdaýlarda möhletinden öň bes edilýär:

– Patent eýesi tarapyndan Türkmenpatente berlen arzanyň esadynda arzanyň gelen senesinden. Patent (çäklendirilen patent) oýlap tapyşlaryň ýa-da senagat nusgalarynyň toparyna berlen ýagdaýynda, patentiň (çäklendirilen patentiň) hereketi diňe arzada görkezilen oýlap tapyşlar, senagat nusgalary babatda bes edilýär;

– Patenti (çäklendirilen patenti) güýjünde saklamak üçin pajyň tölenilmedik ýagdaýynda bellenilen möhletiniň geçen senesinden. Patentiň (çäklendirilen patentiň) hereketi aşakdaky ýaly ýagdaýlarda möhletinden öň bes edilýär:

- Patent eýesi tarapyndan Türkmenpatente berlen arzanyň esadynda arzanyň gelen senesinden. Patent (çäklendirilen patent) oýlap tapyşlaryň ýa-da senagat nusgalarynyň toparyna berlen ýagdaýynda, patentiň (çäklendirilen patentiň) hereketi diňe arzada görkezilen oýlap tapyşlar, senagat nusgalary babatda bes edilýär;
- Patenti (çäklendirilen patenti) güýjünde saklamak üçin pajyň tölenilmedik ýagdaýynda bellenilen möhletiniň geçen senesinden.

Türkmenpatent hereket ediş möhletinden öň bes edilen patent (çäklendirilen patent) baradaky maglumatlary reýestre girizýär we býulletende çap edýär.Türkmenpatent hereket ediş möhletinden öň bes edilen patent (çäklendirilen patent) baradaky maglumatlary reýestre girizýär we býulletende çap edýär. Patentiň (çäklendirilen patentiň) hereketiniň dikeldilmegi**:**

Patenti (çäklendirilen patenti) güýjünde saklamak üçin pajyň tölenilmezligi bilen baglylykda, oýlap tapyş ýa-da senagat nusgasy üçin patentiň (çäklendirilen patentiň) bes edilen hereketi patent eýesiniň towakganamasy boýunça dikeldilip bilner. Towakganama patentiň (çäklendirilen patentiň) hereketiniň bes edilýän senesinden üç ýylyň dowamynda Türkmenpatente berilýär. Towakganamanyň ýanyna patentiň hereketiniň dikeldilendigi üçin pajyň tölenendigini tassyklaýan resminama goşulýar.

Patent (çäklendirilen patentiň) hereketiniň bes edilen senesinden üç ýyl geçenden soň dikeldilmegine degişli däldir.Türkmenpatent patentiň (çäklendirilen patentiň) hereketiniň dikeldilendigi baradaky maglumatlary reýestre girizýär we býulletende çap edýär.

Aşakdaky ýaly ýagdaýlarda islendik şahsyň nägileligi boýunça hereket ediş möhletiniň dowamynda patent (çäklendirilen patent) jedelleşilip bilner we dolylygyna ýa-da bölekleýin hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner:

Oýlap tapyşyň formulasynda ýa-da senagat nusgasynyň düýpli alamatlarynyň sanawynda haýyşnamanyň ilkibaşdaky maglumatlarynda bolmadyk alamatlaryň bar bolmagy;

Patentde oýlap tapyşyň senagat nusgasynyň awtorynyň ýa-da patent eýesiniň nädogry görkezilmegi. Nägilelik bildiren şahs ony delillendirmäge, şeýle hem bellenilen pajyň tölenendigi baradaky resminamany getirmäge borçludyr.

Hakyky däl diýlip ykrar edilen patentiň (çäklendirilen patentiň) hereketi oýlap tapyşa, senagat nusgasyna haýyşnamanyň berlen senesinden bes edilýär. Berlen patentiň (çäklendirilen patentiň) garşysyna berilýän nägileliklere olaryň gelen senesinden 6 aý möhletiň içinde arz-şikaýat topary tarapyndan garalýar.

Patentiň (çäklendirilen patentiň) berilmegine garşy çykylmagyna kazyýet tarapyndan seredilýär. Patentiň (çäklendirilen patentiň) berilmegine garşy berilýän nägilelikler boýunça arz-şikaýat toparynyň çözgüdi bilen ylalaşylmadyk ýagdaýynda çözgüt tassyk edilen senesinden 6 aý möhletiň içinde islendik tarapyň oňa kazyýetde garýy çykmaga haky bardyr.

Arz-şikaýat toparynyň ýa-da kazyýetiň çözgüdi esasynda hakyky däl diýlip ykrar edilen patent (çäklendirilen patent) ýatyrylar. Patent (çäklrendirilen patent) bölekleýin hakyky däl diýlip ykrar edilen ýagdaýynda täze patent berilýär.

Türkmenpatent dolulygyna ýa-da bölekleýin hakyky däl diýlip ykrar edilen patentler baradaky maglumatlary reýestre girizýär we býulletende çap edýär.

**1.** Ýewraziýa patent konwensiýasyna oýlap tapyş üçin Ýewraziýa patentine garşy çykmak we ony Türkmenistanyň çäklerinde hakyky däl diýlip ykrar edilýär.

**2.** Aşakdaky ýaly ýagdaýlarda islendik şahsyň nägileligi boýunça hereket ediş möhletiniň dowamynda patent (çäklendirilen patent) jedelleşilip bilner we dolylygyna ýa-da bölekleýin hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner:

**a)** Oýlap tapyşyň formulasynda ýa-da senagat nusgasynyň düýpli alamatlarynyň sanawynda haýyşnamanyň ilkibaşdaky maglumatlarynda bolmadyk alamatlaryň bar bolmagy;

**b)** Patentde oýlap tapyşyň senagat nusgasynyň awtorynyň ýa-da patent eýesiniň nädogry görkezilmegi.

**3.** Nägilelik bildiren şahs ony delillendirmäge, şeýle hem bellenilen pajyň tölenendigi baradaky resminamany getirmäge borçludyr. Hakyky däl diýlip ykrar edilen patentiň (çäklendirilen patentiň) hereketi oýlap tapyşa, senagat nusgasyna haýyşnamanyň berlen senesinden bes edilýär.

**4.** Berlen patentiň (çäklendirilen patentiň) garşysyna berilýän nägileliklere olaryň gelen senesinden 6 aý möhletiň içinde arz-şikaýat topary tarapyndan garalýar. Patentiň (çäklendirilen patentiň) berilmegine garşy çykylmagyna kazyýet tarapyndan seredilýär. Patentiň (çäklendirilen patentiň) berilmegine garşy berilýän nägilelikler boýunça arz-şikaýat toparynyň çözgüdi bilen ylalaşylmadyk ýagdaýynda çözgüt tassyk edilen senesinden 6 aý möhletiň içinde islendik tarapyň oňa kazyýetde garýy çykmaga haky bardyr.

**5.** Arz-şikaýat toparynyň ýa-da kazyýetiň çözgüdi esasynda hakyky däl diýlip ykrar edilen patent (çäklendirilen patent) ýatyrylar. Patent (çäklrendirilen patent) bölekleýin hakyky däl diýlip ykrar edilen ýagdaýynda täze patent berilýär.

Türkmenpatent dolulygyna ýa-da bölekleýin hakyky däl diýlip ykrar edilen patentler baradaky maglumatlary reýestre girizýär we býulletende çap edýär.

**6.** Ýewraziýa patent konwensiýasyna oýlap tapyş üçin Ýewraziýa patentine garşy çykmak we ony Türkmenistanyň çäklerinde hakyky däl diýlip ykrar edilýär.

Lisenziýa şertnamasy:

Patent eýesi bolup durmaýan islendik şahsyň patentlenen oýlap tapyşy, senagat nusgasyny diňe patent eýesiniň rugsady bilen ygtyýarnama şertnamasynyň esasynda ulanmaga haky bardyr. Ygtyýarnama şertnamasy boýunça patent eýesi (ygtyýar beriji) oýlap tapyşy, senagat nusgasyny ulanmak hukugyny şertnamada göz öňünde tutulan möçberdinde başga şahsa (ygtyýarnama alyja) bermäge borçlanýar. Ygtyýarnama alyjy şertnamabilen şertlenen tölegleri ygtyýarnama berijä tölemek we şertnamada göz öňünde tutulan beýleki şertleri amala aşyrmak borjuny öz üstüne alýar.

Aýratyn ygtyýarnamada ygtyýarnama alyja şertnamada bellenilen çäklerde oýlap tapyşy, senagat nusgasyny ulanmak hukugy geçirilýär. Şeýle ýagdaýda berijiniň ygtyýarnama alyja berilmeýän böleginde ulanmak hukugy saklanyp galýar. Aýratyn däl ygtyýarnamada ygtyýar beriji ygtyýar alyja oýlap tapyşy, senagat nusgasyny ulanmak hukugyny berip , patent (çäklendirilen patent) bilen

tassyklanan ähli hukuklary, şol sanda üçünji bir şahslara ygtyýarnamabermek hukugyny hem özünde saklap galýar.

Doly ygtyýarnamada ygtyýar berijiniň ygtyýarnamany ulanmak we beýleki şahslara bermek hukugyny saklap galmazdan, ygtyýarnama alyja oýlap tapyşy, senagat nusgasyny ulanmagyň aýratyn hukugy berilýär. Eger-de ygtyýarnama şertnamasyna kömekçi ygtyýarnama şertnamasyny baglaşmak mümkinçiligi göz öňünde tutulan bolsa, ygtyýarnama alyjynyň (kömekçi ygtyýarnama beriji) üçünji bir şahs (kömekçi ygtyýarnama alyjy) bilen oýlap tapyşy ýa-da senagat nusgasyny ulanmak üçin aýratyn däl ygtyýarnama bermek barada kömekçi ygtyýarnama şertnamasyny baglaşmaga haky bar.

Eger-de ygtyýarnama şertnamasynda başga ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, ygtyýarnama alyjy kömekçi ygtyýarnama alyjynyň hereketleri üçin ygtyýarnama berijiniň öňünde jogapkärdir.

Patent eýesi islendik şahsa oýlap tapyşy, senagat nusgasyny ulanmak hukugyny bermek barada Türkmenoatente arza berip biler (açyk ygtyýarnama). Bu ýagdaýda patetnti gollamak üçin pajyň tölegi Türkmenpatent tarapyndan açyk ygtyýarnama baradaky maglumatlary çap edilen ýylyndan soňky ýylda 50 % azaldylýar. Görkezilen oýlap tapyşy, senagat nusgasyny ulanmaga isleg bildiren şahs patent eýesi bilen tölegler barada şertnama baglaşmaga borçludyr.

Açyk ygtyýarnamada berilýän hukuklar aýratyn däl ygtyýarnamada berilýän hukuklaryň möçberinden artyk bolup bilmez. Patent eýesiniň açyk ygtyýarnama hukuk berilmegi baradaky arzasy yzyna alynmaga degişli däldir.

**Mejbury lisenziýa:**

**1.** Eger-de oýlap tapyş, senagat nusgasy patent eýeleri ýa-da olara hukuk berlen şahslar tarapyndan patentiň (çäklendirilen patentiň) berlen senesinden 5 ýylyň dowamynda ulanylmasa ýa-da ýeterlik derejede, onda aýlap tapyşy ýa-da senagat nusgasyny ulanmak isleýänn we ulanmaga taýýar islendik şahsyň patent eýesiniň emele gelen tejribä laýyk gelýän şertlerde onuň bilen ygtyýarnama şertnamasyny baglaşmakdan boýun gaçyran ýagdaýynda görkezilen obýektleri ulanmak üçin özüne mejbury aýratyn däl ygtyýarnamanyň berilmegi barada kazyýete talap arzasy bilen ýüz tutmaga haky bardyr.

Eger-de patent eýesi oýlap tapyşyň, senagat nusgasynyň ulanlymazlygynyň ýada ýeterlik derejede ulanylmazlygynyň degerli sebäpler bilen şertlenendigini subut etmese, onda kazyýet ulanmagyň çäklerini, tölegiň möçberini möhletlerini we tertibini görkezmek bilen gyzyklanýan şahsa mejbury aýratyn däl ygtyýarnamany berýär. Töflegleriň möçberi emele gelen tejribä laýyklykda ygtyýarnamalaryň kesgitlenen bazar bahasyndan pes bolmaly däldir. Oýlap tapyşyny emele gelen däplere laýyk gelýän şertlerde ygtyýarnama şertnamasyny baglaşmakdan boýun gaçyrýan beýleki bir oýlap tapyş üçin patentiň eýesiniň hukularyny bozmazdan ulnayp bilmeýän patent eýesiniň patenti başga bir şahsa degişli oýlap tapyş babatda onuň oýlap tapyşyna düýpli ykdysady ähmiýetli möhüm tehniki derejesi bar bolan ýagdaýynda oýlap tapyşyny ulanmaküçin mejbury aýratyn däl ygtyýarnamanyň berilmegi barada talap arzasy bilen kazyýete

ýüz tutmaga haky bardyr.

Görkezilen ygtyýarnama berilen ýagdaýda kazyýet tarapyndan patenti başga bir şahsa degişli oýlap tapyşy, senagat nusgasynyň ulanmagyň çäklerine mejbury ygtyýarnamanyň berilmegini talap edýän şahsyň oýlap tapyşy, senagat nusgasyny ulanmagy üçin zerur bolan möçberi, şeýle hem tölegleriň möçberi, möhletleri we tertibi kesgitlenmelidir. Tölegleriň möçberi emele gelen tejribä laýyklykda ygtyýarnamalaryň kesgitlenen bazar bahasyndan pes bolmaly däldir.

**2.** Milli howpsuzlyk bähbitlerini nazara alyp, şeýle hem adatdan daşary ýagdaýlarda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň patentiň eýesine ygtyýarnamanyň bazar bahasy bilen deňeşdirerlikli möçberde pul görnüşindäki öwez tölegini töläp, onuň razyçylygyny almazdan, patentlenen oýlap tapyşy ulanmaga rugsat bermäge haky bardyr.

**Senagat eýeçiliginiň obýektlerini döretmegi we peýdalanmagy höweslendirmek, awtorlary sylaglamak**

**1.** Senagat eýeçiligiň obýektlerini goramak babatda döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegi Türkmenistanyň ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň patent müdirligi (Türkmen Patent) amala aşyrýar.

Türkmen patent öz ygtyýarlyklaryna laýyklykda :

- oýlap tapyşlara, senagat nusgalaryna haýyşnamalary garamak üçin kabul edýär, olar boýunça seljerme geçirýär hem-de oýlap tapyşlary we senagat nusgalaryny bellige alýar;
- Türkmenistanyň gorag resminamalaryny berýär we döwlet reýestrini ýöredýär;
- ygtyýarnama şertnamalaryny hem-de oýlap tapyşlary we senagat nusgalaryny başga birine bermek baradaky şertnamalary bellige alýar;
- oýlap tapyşlaryň we senagat nusgalarynyň bellige alynmagyna üýtgemeler girizýär;
- Türkmenistanda goralýan senagat eýeçiliginiň obýektleri hakyndaky maglumatlary çap etmek üçin býulletenleri neşir edýär;
- senagat eýeçiligini goramak babatda gyzyklanýan talaplaryň bozulan ýa-da jedelleşýän hukuklary hakyndaky nägileliklerine garaýar;
-senagat eýeçiligi babatda Türkmenistanyň kanunçylgyny kämilleşdirmek we halkara şertnamalaryny baglaşmak boýunça teklipler işläp taýýarlanýar.;
-patent ynamdarlarynyň hünär synaglaryny we hasaba alynmagyny geçirýär.

Türkmenistanyň ykdysadyýet we ösüş ministrligi we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalary bilen Türkmen Patente berlen ygtyýarlyklaryň çäklerinde senagat eýeçiliginiň obýektlerini hukuk taýdan goramak meseleleri boýunça halkara şertnamalaryna laýyklykda Türkmenistanyň öz üstüne alan borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär.

**2.**Oýlap tapmanyň awtory talap edip bilýär:

1) Onuň özüniň awtorlygyny ykrar etmek kanuna laşyklykda hukuk we ýeňillikler bermek, şonuň bilen oýlap tapmagy doly döwlete hukuk bermek;

2) Oýlap tapyjynyň awtorlygyny ykrar etmek we oýlap tapmagy onuň eýeçilik hukugyny doly bermek.

**Birinji ýagdaýda** oýlap tapma boýunça awtor şahadatnamasy berilýär.
**Ikinji ýagdaýda** patent berilýär.

**Awtor şahadatnama**

- Resminama hödürlenen teklibiň oýlap tapma diýlip ykrar edilmegi;
- Oýlap tapmagyň prioriteti;
- Oýlap tapmagyň awtorlygy;
- Döwlet tarapyndan oýlap tapmagy peýdalanmak we dolandyrmak hukuk eýeçiligi;.
- Awtoryň kanunalaýyklykda hukugyny we ýeňilliklerini beýrkidilmegini tassyklaýan resminamadyr;

Oýlap tapyş awtor şahadatnamany ýa-da patenti almak hukugy nesilden nesle geçirilip bilýär. Awtor şahadatnamasy we patent bellenilen forma boýunça berilýär. Ony alýan awtor oýlap tapyşy bilen peýdalanmak diňe döwlet tarapynda bolup geçýär.

**Arz-şikaýat topary**

**1.** Awtorlaryň, haýyşnamaçylaryň we patent eýeleriniň hukularyny goramak bilen baglanşykly jedellerini kazyýetden öň garalmagyny goşup, Türkmenpatentiň ýanynda şahslaryň bozulan ýa-da jedelleşilýän hukulary hakydaky arzalaryna, nägileliklerine garaýan arz-şikaýat topary döredilýär, ol arz-şikaýat toparynyň ygtyýaryna girýän beýleki meselelerinede garaýar.

Arz-şaikaýat topary şahslary aşakdaky ýaly nägileliklerine garamaga doly ygtyýarlydyr:

**a)** Oýlap tapyş, senagat nusgasy üçin haýyşnama boýunça seljermäniň çözgüdine;

**b)** Seljermäniň patenti (çäklendirilen patenti) başga birine bermek baradaky şertnamanyň we patentlenen oýlap tapyşyň, senagat nusgasynyň ulanylmagy üçin ygtyýarnama şertnamasynyň bellige alnyşy baradaky çözgüdine.

**c)** Patenti (çäklendirilen patenti) hakyky däl diýip ykrar etmek boýunça. Hünär synagy toparynyň patent ynamdarlygyna dalaşgäri hünär synagyndan geçirmek boýunça we onuň hünär derejesi synagyna goýberilmegi baradaky çözgüdine.

Arz-şikaýat topary hakyndaky düzgünnama we arz-şikaýat topary tarapyndan nägilelikleri we arzalary garamagyň Tertibi Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi tarapyndan tassyklanylýar. Haýyşnamaçy bellenen pajy tölän şertlerinde, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen möhletlerde arz-şikaýat toparyna bermäge haky bardyr.

Göz öňünde tutulan nägilelikler arz-şikaýat topary tarapyndan olaryň alnan senesinden dört aý möhletiň içinde garalmalydyr. Göz öňünde tutulan nägileliklere arz-şikaýat topary tarapyndan olaryň alnan senesinden alty aý möhletiň içinde garalmalydyr. Nägileliklere garamagyň möhleti nägileleik bildiren şahs ýa-da patent eýesiniň towakganamasy boýunça uzaldylyp bilner. Ýöne bu möhlet işlere garamak üçin ilkibaşda bellenilen möhletiň geçen

senesinden alty aýdan köp bolmaly däldir. Arz-şikaýat toparynyň çözgüdine gaýtadan garamak barada islendik gyzyklanýan tarapdan onuň alnan senesinden bir aýyň dowamynda arz-şikaýat toparynyň başlygyna towakga edilip bilner. Islendik gyzyklanýan tarap arz-şikaýat toparynyň çözgüdine onuň tassyklanan senesinden alty aý möhlediň içinde kazyýete şikaýat edip biler.

Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde kazyýetler döreýän jedellere garaýarlar, şol sanda:

- Oýlap tapyş, senagat nusgasyna awtorlyk hakyndaky;
- Patent eýesini belli etmek hakyndaky;
- Patent (çäklendirilen patent) bermek hakyndaky;
- Ygtyýarnamanyň mejbury berilmegi hakyndaky;
- Patent eýesiniň oýlap tapyş senagat nusgasy üçin aýratyn hukugynyň we beýleki emläk hukuklarynyň bozulmagy hakyndaky;
- Patenti (çäklendirilen patenti) başga birine bermek hakyndaky
- şertnamalaryň we patentlenen oýlap tapyşyň, senagat nusgasynyň ulanylmagy üçin ygtyýarnama şertnamalarynyň baglaşylmagy we ýerine ýetirilmegi hakyndaky;
- Öňden ulanmak hukugy hakyndaky;
- Wagtlaýyn goralýan döwründe oýlap tapyşy, senagat nusgasyny peýdalanamak üçin öwez töleginiň pul möçberi hakyndaky;
- Soňundan ulanmak hukugy hakydaky;
- Iş beriji tarapyndan oýlap tapyşyň, senagat nusgasynyň awtoryna berilýän pul töleginiň möçberi, möhleti we tölenmeginiň tertibi hakyndaky;
- Göz öňünde tutulan öwez tölegleriň möçberi, möhleti we tölenmeginiň tertibi hakyndaky;
- Patent eýeleriniň hukularyny goramak bilen bagly beýleki jedeller.

## Oýlap tapyşyň, senagat nusgasynyň awtory

**1.**Oýlap tapyşy ýa-da senagat nusgasyny özüniň öndürijilikli zähmeti bilen döreden şahsy tarap onuň awtory diýlip ykrar edilýär.

**2.**Oýlap tapyşy senagat nusgasyny döretmäde birnäçe şahsy taraplar gatnaşan bolsalar, olaryň hemmesi hem şärikli awtorlar diýlip hasap edilýär. Şärikli awtorlara degişli hukuklary peýdalanmagyň tertibi olaryň arasyndaky ylalaşyk bilen kesgitlenilýär. Oýlap tapyşyň senagat nusgasynyň döredilmegine şahsy döredijilik goşandyny doşmadyk, awtora diňe tehniki, guramaüylyki, maddy kömegini beren ýa-da diňe olara bolan hukugy we ondan peýdalanmak hukugyny resmileşdirmäge ýardam beren şahs awtor diýlip ykrar edilmeýär.

**3.**Awtorlyk hukugy aýrylmaz şahsy hukuk bolup durýar we ol möhletsiz goralýar. Patente bolan hukuk aşakdakylara degişlidir:

- Oýlap tapyşyň, senagat nusgasynyň awtoryna (şärikli awtorlara) ýa-da onuň (olaryň) hukuk oruntutaryna;
- Iş berijä ýa-da onuň hukuk oruntutaryna.

Eger-de iş beriji bilen işgäriň arasyndaky şertnamada gaýry ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, işgäriň öz gulluk borjuny ýa-da iş berijiniň takyk hukuk taýdan resmileşdiren tabşyrygyny (gulluk oýlap tapyşy, gulluk senagat nusgasy) ýerine ýetirmegi bilen baglylykda döreden oýlap tapyşyna senagat nusgasyna patent çäklendirlen patent) almak hukugy iş berijä degişlidir.

Eger-de iş beriji awtor tarapyndan döredilen oýlap tapyşy, senagat nusgasy barada habardar edilen senesinden dört aýyň dowamynda patent almak üçin Türkmenpatente haýyşnama bermese ýa-da awtory degişli obýektiň gizlin saklanjakdygy barada resmi taýdan habardar etmese, onda patent almak hukugy awtora geçýär. Bu ýagdaýda iş beriji şertnama esasynda kesgitlenilýän öwez tölegini patentiň eýesine töläp, oýlap tapyşy, senagat nusgasyny öz önümçiliginde ulanmaga haky bardyr.

**4. Awtoryň pul tölegine bolan hukugy**

1) Patent (çäklendirlen patent) almaga hukugy bolmadyk, gulluk oýlap tapyşynyň ýa-da senagat nusgasynyň awtory iş berijiden öz aralaryndaky ylalaşyk esasynda kesgitlenilýän möçberde we şertlerde pul tölegini almaga hukugy bardyr.

2) Taraplaryň arasynda pul tölegi ýa-da öwez töleginiň möçberi we tölegiň tertibi barada ylalaşyk gazanylmadyk ýagdaýynda, jedel kazyýet tertibinde garalar.

3) Şertnamada bellenilen pul töleginiň ýa-da öwez töleginiň öz wagtynda tölenilmezligine günäkär iş beriji Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýär.

4) Şärikli awtorlaryň arasynda oýlap tapyşyň ýa-da senagat nusgasynyň ulanylandygy üçin pul tölegi olaryň arasyndaky çertnama esasynda peýdalanylýar.

Ylmy tehniki öňegidişligi ösdürmek, Türkmenistanyň intellektual mümkinçiliklerini berkitmek we tehniki döredijiligi ösdürmäge ýardam bermek maksady bilen, patent eýelerine we ygtyýarnama şertnamasy boýunça oýlap tapyşy ýa-da senagat nusgasyny ulanýan şahslara. Şeýle hem senagat eýeçiliginiň obýektlerine bolan hukulary almaga we goramaga ýardam edýän şahslara

## Ösen ýurtlarda oýlap tapmalara, senagat nusgalyklaryna patent bermegiň düzgünlerini öwrenmek

**1.** Şu döwürde daşary ýurtlarda patent kanunlaryna täzeden seredilýär we täzelenýärler. Patent hukugy uly derejede üýtgeşikliklere degişli sebäbi dünýäde ylmy tehniki özgertmeler, ykdysady özgertmeler peýda bolýar. Pariž konwensiýanyň (1883ý.)-ýurt agzalary üçin milli kanunlara konwensiýanyň täze düzgünlerini girizmek, ondan başga-da Stratsburg konwensiýanyň borçlaryny şerine ýetirmek - patent hukugyň birnäçe esaslaryny unifisirlemek. Mýunhen konwensiýasy - patent berilmeginiň Ýewropa sistemasy, patent korporasiýasy we şuňa meňzeşler. Daşary ýurt patent hukugy boýunça patentiň goragy ýeke milli patent wedomstwasy bilen berlen ýagdaýlara degişlidir. Birnäçe döwletleiň patent kanuny boýunça Pariž konwensiýa döwletleriň agzalaryna degişli bolup durýarlar. Senagat eýeçilik obýektleri goramak ugrunda. Berlen patentiň güýji ýeke berlen wedomstwanyň çäginde eýe bolýar. Soňky wagtlar döwletara patent wedomstwalaryň arasynda şertnamalar, ylalaşyklar baglaşylýar.

**2.** EES döwletler- Mýunhen konwensiýasyna goldaw berdiler. Ýewropa patentiň şertleri bellenilýär. Oýlap tapmalara aýratyn hukugy bolmagy ykdysady üýtgeşiklikler bilen baglydyr, sebäbi kärhanalar hususy eýeçilikde bolup, olaryň belli ugurlarda monopoliýa saklaýarlar (General motors, Toýota we ş.m.). patent gorag kanunlardan oýlap tapmagyň manysy ähmiýeti maglumatlary öwrenilýär we ulanylýar. Bäsleşik şertlerinde içki we halkara derejesinde, çäginde uly kompaniýalar öz arasynda patent ylalaşyklary baglaýarlar. Soňky wagtlar ýärite paýdarlar jemgyýeti döredilýär we patent boýunça önümler öndürilýär, belli nyrhly dürli şertler boýunça daşary ýurtlara çykarmak çäklenilýär.

Oýlap tapmalara hukuklar senagat eýeçilik diýip atlandyrylýar:

- Senagat nusgasy
- Haryt belgisi
- Firma atlandyrmalary

Eýeçilik

- Patentiň eýesi, eýeçiligi (hukugy)
- Patentiň bahasy (harydyňky ýaly)
- Hemme emlägiň goralyşy ýaly onuň goragy

"Senagat" diýen termin- patentiň senagatda ulanylmagyny aňladýar. Patent eýesi aýratyn hukukly- patent eýesi ýeke belli bir döwletiň çäginde öz hukugyny saklaýar, emma hukugy saklamak üçin başga döwletde patent almak üçin ýörite arza bermeli we bu döwletiň çäginde patent goragyny üpjün etmeli.birnäçe döwletlerde mikroorganizmleriň alyp boluş mikrobiologiki usullaryna degişli patentleri bermek şertleri düýpli üýtgeşikdir. Hasaplaýjy maşynlary, programmalary patent bilen goralyp bolanok (Fransiýa). EHM üçin programmalara berilýän patentler ABŞ we Şweýsariýada bar.

**3.**Patent almak bellenilen düzgün tertip boýunça we kanuna laýyk amala aşyrylýar. Patenti ýörite kompetent guramasy berýär- patent wedomstwasy. Arza arzaçy tarapyndan gol çekilýär ýa-da onuň wekili tarapyndan. Arzanyň ýanynda ýörite resminamalar- ýazuw, çyzgytlar we başgalar hem-de töleg petegi. Patent kanuny boýunça raza seredilende hökmany seljeriş işleri geçirilmelidir, patent wedomstwanyň resmi neşirinde patent barada maglumat berilýär- gyzykly maglumatlary bermek we jedelli ýagdaýlarda garşylyk arza teklipler (appelýasiýa) bermek üçin. Berlen patentler patent reýestrine girizilýärler we hasaba alynýarlar.

| **Arza** | **Awtor sistemasy** |
|---|---|
| ↓ | ↓ |
| **Hemme adam arzany bilýär** | **Ýeke awtoryň özi arzany berip berip bilýär** |

Bu sistemada ýokary derejeli ekspertler gerekli bolýar we gowy ornaşdyrylan täzelik ekspertiza ulgamy bolmalydyr.

Araçäk sistemasy- birnäçe ýurtlarda ulgam geçiriji tapgyr görnüşinde- arza barlananda doly ekspertizany geçenok. Şweýsariýada iki ulgam hereket edýär- sagat önümçiliginde we dokma önümçiliginde.

Senesi süýşürilen ulgam- barlag ulgamyň modifikasiýasy görnüşinde. Bu

ulgamda hökmany ekspertiza aradan aýrylýar, arza beriji tarapyndan haýyşnama berilende geçirilýär, 18 aýdan soň arza hökman habar edilýär. Bu ulgam Niderlandiýada, Germaniýanyň Federatiw respublikasynda, Ýaponiýada,

Awstraliýada amala aşyrylýar we ulanylýar.

**Patentiň hereket möhledi**- ýurduň patent kanunyna laýyklykda göz öňünde tutulýar, bu möhlet bellenilende patent beriji kesgitlenen wagtyň dowamynda çykaran çykdaýjylaryny ödäp özüne girdeýji almaga ýagdaýy bolar ýaly, 5 ýyldan 30 ýyla çenli (Şrilanka 15 ýyl, Italiýa, Britaniýa, Germaniýanyň Federatiw respublikasy, Şweýsariýa-20 ýyl, Fransiýa, ABŞ-17 ýyl we ş.m.).

**Patent salgydy** (poşlinasy)- köp ýurtlarda dürli ugur tertip boýunça alynýarlar. Kanada, ABŞ iň ýokary (ýyllyk hereket edýän möhlediň dowamynda) we arza tölegi.

## Türkmenistanyň raýatlarynyň oýlap tapmalara daşary ýurtlarda patent almaga bolan hukugy.

Oýlap tapyş üçin Türkmenistanyň patentiniň berilmegi Ýewraziýa patent konwensiýasyna laýyklykda özgerdilen Ýewraziýa haýyşnamasynyň esasynda amala aşyrylyp bilner.

Ýewraziýa haýyşnamasy ýaly şol bir berlen senesi we ilkinjilik senesi bolan, Türkmenpatente berlen oýlap tapyş üçin haýyşnama dogry resmileşdirilen milli haýyşnama hasaplanylýar.

Oýlap tapyş üçin haýyşnamalar garamak haýyşnamaçy tarapyndan oýlap tapyş üçin haýyşnama berlendigi barada bellenilen pajyň tölenen ýagdaýynda hemde Ýewraziýa haýyşnamasynyň tassyklanan göçürme nusgasynyň Türkmenpatent tarapyndan alnan senesinden başlap amala aşyrylýar.

Eger-de Ýewraziýa patenti Türkmenistanyň çäklerinde patentiň güýjüni saklamak üçin pajyň tölenmändigi bilen baglylykda öz hereketini möhledinden öň bes eden bolsa, oýlap tapyş üçin Türkmenistanyň patentini bermek Ýewraziýa haýyşnamasynyň esasynda amala aşyrylyp bilner. Şeýle Ýewraziýa patentiniň eýesiniň oýlap tapyş üçin ýigrimi ýyl möhleti bolan Türkmenistanyň patentiniň berilmegi barada Ýewraziýa haýyşnamasynyň berlen senesinden bäş ýylyň dowamynda ýa-da haýsy senäniň giç gelýändigine baglylykda Ýewraziýa patentiniň hereketiniň bes edilen senesinden üç ýylyň dowamynda Türkmenpatente towkganama bilen ýüzlenmäge haky bardyr. Şeýle patentiň berilmegi baradaky towakganamanyň ýanyna arza, Ýewrzaiýa patentiniň göçürme nusgasy, degişli pajyň tölenendigi barada resminama, haýyşnamanyň patent eýesiniň wekili tarapyndan berlen ýagdaýynda ynanç haty goşulmalydyr.

Türkmenistanda döredilen oýlap tapyş üçin haýyşnama Türkmenpatente berlen senesinden dört aý geçenden soň, eger-de görkezilen döwür içinde haýyşnamada döwlet syryna degişli maglumatlaryň bardygy hakynda haýyşnamaçy habardar edilmese, daşary ýurt döwletlerine ýa-da halkara guramalaryna berlip bilner. Haýyşnamaçynyň arzasy boýunça geçirilen barlag haýyşnamanyň döwlet syryna degişli maglumatlaryň ýokdugyny ýüze çykarsa oýlap tapyş üçin haýyşnama daşary ýurtlarda patentlenmek üçin görkezilen

möhletden öň hem berlip bilner. Eger-de Türkmenistanda döredilen oýlap tapyş üçin halkara haýyşnamasy Türkmenpatente kabul edýän edara hökmünde berilen bolsa, degişli haýyşnamany Türkmenpatente deslapdan bermezden, oýlap tapyş üçin halkara haýyşnamasynyň berilmegine ýol berilýär.

Oýlap tapyşlara, senagat nusgalara daşary ýurtlarda patenlemek bilen baglanşykly harajatlary haýyşnamaçy ýa-da onuň bilen ylalaşyp, gaýry şahs çekýär.

Türkmenistanyň gatnaşýan halkara şertnamalarynyň güýji bilen hem-de özara arkalaşyk ýörelgeleri esasynda daşary ýurtly şahslar Türkmenistanyň şahslary bilen deň hatarda göz öňünde tutulan hukularda peýdalanýarlar.

Eger-de Türkmenistanyň gatnaşyjysy bolup durýan halkara şertnamalarynda başga tertip göz öňünde tutulmadyk bolsa, daşary ýurtly şahslar, şeýle hem Türkmenistanyň çäklerinden daşarda ýaşaýan ýa-da hemişelik ýaşaýan ýeri Türkmenistanyň çäklerinden daşarda bolan Türkmenistanyň raýatlary Türkmenpatent bilen gatnaşanlarynda özleriniň hukularyny Türkmenpatentde bellige alnan patent ynamdarynyň üsti bilen amala aşyrylýar.

Eger-de Türkmenistanyň gatnaşýan halkara şertnamalarynda göz öňünde tutulan düzgünlerden başga düzgünler bellnilen bolsa, onda halkata şertnamasynyň kadalary ulanylýar.

## Geçiş düzgünler

Patent (çäklendirilen patent) bermek bilen bagly düzgünler aşakdaky ýaly tertipde ulanylýar. Kanun güýje girýänçä iş dolandyryjylygynyň kabul edilen oýlap tapyş, senagat nusgasyna haýyşnamalar boýunça:

- formal seljeriş geçirilmediklerine kanunyň düzgünlerine laýyklykda çäklendirilen seljerme geçirilýär;
- wagtlaýyn patent bermek barada çözgüt çykarylanlaryna çäklendirilen patent berilýär;
- anyk seljeriş geçirilmediklerine kanunyň düzgünlerine laýyklykda patent seljermesi geçirilýär;

**a)** kanun güýje girýänçä bäş ýyllyk hereket ediş möhleti geçmedik ýa-da hereket ediş möhletiniň bes edilen gününden üç ýyldan gijä galmadyk oýlap tapyşa, senagat nusgasyna berlen wagtlaýyn patentleri patent

**b)** eýesiniň towakganamasy boýunça Türkmenpatent wagtlaýyn patenti çäklendirilen patente täzeden resmileşdirýär we reýestre degişli ýazgy girizýär.

**c)** Kanun güýje girýänçä on ýyllyk hereket ediş möhleti geçmedik ýa-da hereket ediş möhletiniň bes edilen gününden üç ýyldan gijä galmadyk senagt nusgasynyň berlen patentleri patent eýesiniň towakganamasy boýunça Türkmenpatent patentiň hereket ediş möhletini on bäş ýyla çenli uzaldýar we reýestre degişli ýazgy girizýär.

Ýokarda görkezilen amallary geçirmegiň möhletleri we tertibi Türkmenpatent tarapyndan kesgitlenýär.

## Paten dokumentasiýasy we onuň ulanylmagy

**1) Patent dokumentasiýasy we onuň üýtgeşikligi.**

Patent dokumentasiýasy- ylmy barlag işleriň netijeleri, açyşlar we oýlap tapyşlar, peýdaly modeller, senagat nusgalary oýlao tapyşlaryň awtorlary, patent eýeleri, diplom we şahadatnamalarynyň eýeleri barada maglumatlary öz düzüminde saklaýan neşir edilen we neşir edilmedik dokumentler. Şonuň bilen patent dokumentasiýasy diýip göz öňünde tutulýan ilki bilen resmi patent neşir edilen namalar-patent býulletenler, oýlap tapmalara edilen arzalaryň ýazuwy oýlap tapmalaryň awtor şahadatnamalarynyň ýazuwy, peýdaly modelleriniň ýazuwy, patent görkezijileri we ş.m

Her ýyl dünýäde 90-dan ýurtlarda 1 mln golaý patent dokumentler çap edilýar, olar barada maglumatlar patent dokumentlerinden döredildi, olara degişli:

Intellektual eýeçilik barada halkara we regional guramalar bilen bagly dokumentler:

-Ýewropa boýunça patent wedomstwo ýewropa patentlerine degişli maglumatlary, olaryň annotasiýalary Ýewropa patent býulletenlerinde çap edildi.

Aşakda patent dokumentleriniň görnüşleri görkezilýärler: Oýlap tapyşyň ýazuw haty patent dokumentynyň esasy görnüşi . Oýlap tapyşyň ýazuw haty aşakda görkezilen shema boýunça gurulýar:

A- Oýlap tapyşyň ady we bibliografiki ýazuwyň başga elementleri;
B- Oýlap tapyýyň tehnikanyň degişli ugury; we esasy ulanylyş ugury;
C- Oýlap tapyşyň analogynyň hasiýeti;
D- Saýlanylan oýlap tapyşyň protokoly;
E- Prototiniň kritikasy;
F- Oýlap tapyşyň maksady;
G- Oýlap tapyşyň esaslygy we üýtgeşikligi;
H- Şekilleriň, grafiki şekilleriň sanawy;
I- Hakyky ýewrine ýetirmegiň meseleleri;
J- Tehniki ykdysady ýa-da başga netijeler;
K- Oýlap tapyşyň formulasy.

Titul listy (baş sahypasy) hemme gerekli bibliografiki maglumatlary öz düzü Mine alýar. Standarta laýyklykda titul listy doly ýa-da onuň ýokarky bölegi hökmany bibliografiki maglumatlary ýerleşdirmek üçin ulanylmaly. Bibliografiki maglumatlaryň ýygyndaly patent dokumentiň bibliografiki ýazuwyny düzýär.

Ýazuwyň bibliografiki bölüminde, tekstiň öňünde bu patent dokumenti identifisirlemek üçin gerekli maglumatlary görkezilmeli:

-Patenti dokumenti berýän ýurduň we döwlet guramanyň atlary (birnäçe ýurtlarada ýurduň gerbi we ady görkezilýär), gorag resminamanyň nomeri we ady;

-Oýlap tapyjynyň ady, adressi, patentiň berlen senesi.

Bibliografiki maglumatlarynyň köp dürliligi, ýuridiki dürli esaslygy, dokumende dürli görnüşli ýazylmagy, dil bäsleşigi informasiýanyň işlemeginde maglumat gözleg serişdeleri döredmek maksady bilen awtomatlaşdyrmakda kynçylyk döreýär.

Şonuň üçin bu bibliografiki maglumatlarynyň ýazylmagyny kadalaşdyrmak üçin uly üns berilýär, olaryň identifikasiýasy üçin ýöriteleşdirilen identifikasiýa kodlary işläp düzülýär we olary patent býuletenleriň we oýlap tapyşlaryň baş titul sahypasynda görkezilýär.

Patent dokumentiň görnüşiniň (patent, arza we ş.m) identifikasiýasy üçin harp san gärnüşli kod ulanylýar. Oýlap tapyşyň ýazuwynda (arzalara we patentlere aşakdaky görkezilen kodlar ulanylýar):

A1-gözleg barada hasabatly çap edilen arza edilen ýazuw

A2-gözleg barada hasabatsyz çap edilen arzuw ýazuwy.

Ýazuwda geçirilen gözleg barada hasabat girizilýär, sebäbi bibliografiki ýazuwy oýlap tapyşyň esasy mynasyny görkezýärler, onuň hukuk statusyny hem-de ykdysady häsiýetli maglumatlary öz içine alýar we patent gözleg üçin giňden ulanylýar.

Dokumentiň ylmy tehniki mazmuny oýlap tapyşyň adynda we klassifikasion indekslerde (IHK, IMK, UOK), esasy sözlerde gözleg ugurlarynyň indeksinde, patent dokumentiniň salgylanmasynda prototipynda görkezilýär. Dokumentiň hukuk statusy dokumentiň görnüşi kodynda, patent eýesi barada maglumatlarynda, ilkinjilik senesinde, daşary ýurtlaryndaky patentnemeler, patent dokumentleriň çap edilmegi görkezilýär.

Standarta laýyklykda dokumentasiýasynda hökmany görkezilmeli bibliografiki maglumatlary sany 10 az bolmaly däl, olaryň içinde:

-Oýlap tapyýyň ady;

-dokumentiň nomeri;

-arza berilen senesi;

-arzanyň nomeri;

-ilkilik barada maglumat(berilen güni, aýy, ýyly, hasaba alnan nomeri,ýurduň ady);

-patentleriň ugurlary boýunça indeksler HK, MK, UDK;

-oýlap tapyýyň ýazuw;

-oýlap tapyşyň formulasy;

-grafiki maglumatlat.

Patent dokumentasiýasy, tehniki çözgütlerden başga-da hukuk we ykdysadyýet maglumatlary öz içine alýar, patent eýeleriň hukuklary barada.

## Patent informasiýanyň döwlet sistemasy

Patent informasiýa hököminde ylmy barlag işleriň netijeleri barada maglumatlar, oýlap tapyşlaryň ýazuwynda, gorag resminamalaryndaky maglumatlar diýlip düşünýärler. Patent informasiýasy giňden ulanylýar haçanda ylmy barlag işler meýilleşdirilende, daşary ykdysady işleri özgertmek we amala aşyrmak münkinçilikleri kesgitlenende.

Patent informasiýany taýýarlamak we ulanmak PIDU çäginde amala aşyrylýar hem-de baş pudak kärhana birleşikler edaralar düzümindäki informasion gulluklaryň üsti bilen.

Patent fondy-halk hojalygynyň hünärmenleriniň öwrenmegi üçin niýetlenen we islegler boýunça maglumatlaryň nusgalaryny (kopiýasyny) taýýarlamak üçin.

Patent fondynda arzalara, awtor şahadatnamalara, patentlere degişli ýazuwlar senagat nusgalara. Patent fondyň düzüzminde dürli maglumatlar materiallary, sistematiki we nomerasion görkezijiler, klassifikatorlar saklanylýar. Patent fondlar bölünýärle: merkezi pudak teretorial. Täze oýlap tapyşlar barada signal informasiýasy, patent materiallary boýunça maglumat hyzmaty. Patent informasiýasy töze önüm tehnikalar döredilende gişden ulanylýarlar.

**Patent dokumentasiýasynyň gözlegi**

Patent gözlegi-maglumat gözlegi bir görnüşidir, esasan patent dokumentleriň fondynda tehniki çözgüdiň derejesini bellemek maksady bilen amala aşyrylýar, hem-de patent eýesiniň hukugynyň ýerleşdirmek şerlerini bellemek üçin geçirilýär. Tehniki çözgütleriň ulanylmak meseleleri bilen kesgitlenilýär. Patent gözlegiň 3 sany esasy topary bellenilýär:

1) Tehniki çözgütleriň deresini bellemek;
2) Patent eýesiniň hukugynyň göwrümini bellemek;
3) Patent eýesiniň hukugynyň amala aşyrmak şertlerini bellemek.

Patent gözleginiň görnüşler:

1) Tematiki gözlegi
2) Atlanmak boýunça gözlegi
3) Nomerasion gözlegi

Gözleg sistemalary awtomatlar serişdeleriň kömegi amala aşyrylýar. Halkara programmalaryň çäginde we kompýuterler üsti bilen dünýäniň dürli ýurtlaryň patent wedomstwalarynda.

## Edebiýat:


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhammedowyň Ministrler kabinetiniň göçme mejlisinde sözlän sözi (2009-njy ýylyň 12 iýuny)
2. Gurbanguly Berdimuhammedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007ý.
3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhammedowyň Umumymillli "Galkynyş hereketiniň" we Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň nobatdan daşary V gurultaýynyň bilelidäki mejlisinde sözlän sözi. Aşgabat, 2007ý.
4. Gurbanguly Berdimuhammedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat
5. Türkmenistanyä patent kanuny. Aşgabat 1993ý.
6. Türkmenistanyň kanuny. Oýlap tapyşlar we senagat nusgalary hakynda. Aşgabat, 2009ý.
7. В. И Грушков. Патентоведение. М 1974г.
8. Савелкин В.В «Совершенствованине правовой охраны научных открытий» Вопросы изобретательства, 1982г., №3, с.20-23.
9. Сапелкин В.В. , Потоцкий В.В. «К вопросу о природе открытия» Вопросы изобретательства, 1982г., № 6, с.17-22

## Mazmuny


| № | Bölümleri | sahypa |
|---|---|---|
| 1. | Giriş. Türkmenistanda patent kanunyň esaslary hem-de düzgünleri. | 4 |
| 2. | Patent ukyplylyk şertleri. Oýlap tapmalaryň obýektleri. Senagat nusgalyklary. Haryt belgileri we hyzmat ediş belgileriniň gorag ukyplylygy. | 8 |
| 3. | Haryt belgileriň ilkinjiligi we kodlaşdyrylmagy. | 13 |
| 4. | Patent eýeçiligiň hukugy | 26 |
| 5. | Senagat eýeçiliginiň obýektlerine we oýlap tapyjylyk boyunça tekliplere gorag resminamalaryny almagyň tertibi. | 28 |
| 6. | Patent almak üçin berlen arzalary seljermek. Oýlap tapyşa berlen arzany seljermek, hasaba almak we güwanama bermek. | 30 |
| 7. | Gorag resminamalarynyň güýjiniň pes edilmeginiň düzgünleri. Patent güýçsiz yglan etmegiň tertibi. Lisenziýa şertnamasy. | 37 |
| 8. | Senagat eýeçiliginiň obýektlerini döretmegi we peýdalanmagy höweslendirmek, awtorlary sylaglamak. | 44 |
| 9. | Ösen ýurtlarda oýlap tapmalara, senagat nusgalyklaryna patent bermegiň düzgünlerini öwrenmek. | 48 |
| 10. | Türkmenistanyň raýatlarynyň oýlap tapmalara daşary ýurtlarda patent almaga bolan hukugy. | 50 |
| 11. | Patent dokumentleri we olaryň ulanylmagy. | 52 |
| 12. | Patent infarmasiýasynyň Döwlet sistemasy. | 55 |
| | **Edebiýat** | 56 |